döreýär. Seljuk türkmenleriniň dürli şahalary äpet döwletiň dürli künjeklerinde hakykat ýüzünde özbaşdaklyklaryny gazanýarlar. Ýöne, şeýle-de bolsa, Sanjaryň — soňky beýik seljugyň (onuň häkimligi Horasanyň çäginden çykmaýardy) ölümine çenli esasy şaha entek belli bir derejede ýolbaşçylyk ähmiýetini saklaýardy. 1157 (552)-nji ýyla çenli dowam eden esasy şahalara Kerman, Yrak, Şam, Rum ýa-da Kiçi Aziýaly seljuk türkmenleri girýär.

TÜRKIÝEDÄKI OSMAN TÜRKMENLERINIŇ SOLTANLARY

699 hijri *1299 milady*

624 ýyllap dowam eden, şol döwrüň içinde 36 adamyň soltanlyk eden Türkiýedäki Osman nesilşalygy 1299-njy ýylda Osman gazy tarapyndan esaslandyrylýar.

1258-nji ýylda doglan Osman gazy belli türkmen serkerdesi Ärtogrul gazynyň üçünji ogludyr.

1277-nji ýylda Söwütde, Anadolyda mesgen tutan türkmen toparlary özleriniň daşary ýurt duşmanlary tarapyndan her hili horluklara sezewar edilýändigini, howandar, goldaw isleýändiklerini aýdyp, ata Watana — Maryda ýaşaýan howandarlaryna, Ärtogrul gaza ýörite habar ýetirýärler. Şol habar esasynda Maryda ähli türkmen taýpalarynyň gatnaşmagynda maslahat geçirilýär. Netijede, Ärtogrul gazy 400 sany ýigidi bilen Anadolydaky türkmenlere goldaw-kömek bermek üçin ugraýar.

Ärtogrul gazynyň ýolbaşçylygynda Merwden ugran 400 atly Oguz hanyň her bir türkmen esgeri müň duşmana taý bolmalydyr diýen wesýetini berjaý edip biljek, atabeglerden

söweş, serkerdelik tilsimatlaryny birkemsiz öwrenen saý ýigitlerdi.

Atabeglerden söweş, serkerdelik tilsimatlaryny öwrenen Osman gazy ýigrimi ýyldan soň — 1299-njy ýylda Türkiýede güýçli döwlet döredýär.

Osmanly türkmen soltanlarynyň şejere daragty



GARAGOÝUNLY TÜRKMENLER

ýa-da Garagoýunly türkmenler Häzirbegjanda we beýleki welaýatlarda

780-874 hijri *1378-1469 milady*

XIV asyryň ahyrky çärýegine çenli Garagoýunly adyny göteren türkmen taýpalarynyň biri. Olaryň tugunda gara goýnuň şekili bolupdyr, şonuň üçin hem ol türkmenlere garagoýunly türkmenler diýlipdir. Olar Wan kölünden günbatara çenli aralygy eýeläpdirler. Soltan Söýün bilen bileleşik baglaşypdyrlar we Ermenistan bilen Häzirbegjany eýelän hanedany esaslandyrypdyrlar.

Bu köşgüň ikinji hökümdary Garaýusup birnäçe gezek Teýmir tarapyndan kowulýar, emma hemişe yzyna dolanmagy başarypdyr. Teýmir ýogalansoň Garaýusup 1405 (807)-nji ýylda özüniň öňki hökmürowanlyk eden ýerlerini gaýtaryp alypdyr. 1411-nji ýylda hökümdarlygyny jelaýyrlar bilen birikdiripdir. Garagoýunly türkmenler 1469 (874)-njy ýylda beýleki türkmen taýpasyna, ýagny Akgoýunly türkmenlere öz ornuny bermeklige mejbur bolýarlar. Akgoýunly türkmenleriň başynda Uzyn Hasan durupdyr.

Hijri ýyly 780-874	**Garagoýunly türkmenler (Häzerbegjanda we beýleki ýerlerde)**	**Milady ýyly 1378-1469**
780	Gara Muhammet	1378
tak. 790	Gara Ýusup	tak. 1388
802	Teýmiriň çozuşy	1400
808	Gara Ýusup (ikilenç)	1405
823	Isgender	1420
841	Jahanşa	1437
872-874	Hasan Aly	1467-1469

AKGOÝUNLY TÜRKMENLER

ýa-da Akgoýunly türkmenler Häzirbegjanda we beýleki welaýatlarda

780-908 hijri *1378-1502 milady*

Akgoýunly türkmenler Häzirbegjandaky we Diýarbekirdäki bäsdeşleri bolan Garagoýunly türkmenleriň ýerini eýeleýärler. Ýöne, otuz ýyllyk hökmürowanlykdan soňra, şa Ysmaýyl Sefewi tarapyndan 1502 (907)-nji ýylda Şururdaky uly söweşde dargadylýar.

Hijri ýyly 780-908	**Akgoýunly türkmenler (Häzerbegjanda we beýleki ýerlerde)**	**Milady ýyly 1378-1502**
780	Gara Ýülük Osman	1378
809	Hemze	1406
848	Jahangir	1444
871	Uzyn Hasan	1466
883	Halyl	1478
884	Ýakup	1479
896	Baýsunkar	1490
897	Rüstem	1491
902	Ahmet	1496
903	Myrat	1497
905	Elwent	1499
906	Muhammet	1500
907-908	Myrat (ikilenç)	1501-1502

GAZNALY TÜRKMENLER

(Owganystanda we Penjapda)

351-582 hijri *962-1186 milady*

Türkmenleriň gaýa taýpasyndan bolan Söbük hökümdaryň ogly Mahmyt Gaznaly musulman taryhynda uly hökümdarlaryň biri hökmünde tanalýar. Ol yslam dinini ýaýratmakda we goramakda çäksiz uly işleri bitiripdir. Mahmyt Gaznaly özara uruşlary döreden kiçi inisi Ysmaýyly ýeňýär, Samanlylaryň nesilbaşysy ejiz hökümdarlary özüne garaşly edýär. Horasana we Gazna eýelik etmekliginiň ygtyýar beriji hatyny Bagdat halyfyndan alýar. Halyf «Eýeçiliginiň mundan beýläk özüne degişli däldigi» barada ýazmaça görkezme berýär.

Güýçli goşun toplap, ilek hanlar bilen, Samanlylaryň güýçden gaçan döwleti bilen ylalaşyk baglaşyp, Mahmyt Hindistana ýörişlere başlaýar. 1001—1026-njy ýyllar aralygynda ol on ýedi gezek hindi düzlüklerine aralaşýar. Öz ýörişlerini giňeldip, Kaşmiriň, Penjabyň çäklerinden çykyp, Kanujy, Muttruny (1018 ý.), 1024 (415)-nji ýylda Güjeratyň paýtagty Anhalwary we Somnaty basyp alýar. Bu ýörişler basybalyjylykly häsiýetde bolup, talaňçylygy we butparazlygy ýok etmeklige niýetlenipdir. «Butlary ýumrujy» diýip at alan Mahmyt öz döreden döwletiniň paýtagty bolan Gazna dolanýar, hindi buthanalaryndaky gymmat bahaly baýlyklary hem özi bilen alyp gaýdýar. Emma, şol bir wagtda, bu ýörişler düýpli yz galdyrýar; Penjap düýpli dyza çökerilýär. Güjerat basybalyjynyň bellän pajyny kabul edýär. Hindi goşunlaryndan başga-da Mahmyt Ilek hanyň üstüne çozýar, Gury (1010 ý.) boýun egdirýär we Murgabyň

boýlaryny eýeleýär (1012 ý.); hatda 1016 (407)-njy ýylda uly şäherler Samarkandy we Buharany özüne birleşdirýär. Hökümdarlygyň ahyrynda ol özüniň ilkibaşda paýhassyzlyk bilen hemaýat eden seljukly türkmen harby serkerdeleri Togrul beg we Çagry beg tarapyndan howp abanýandygyny duýýar; ýöne olar 1027 (418)-nji ýyla çenli öz wepalylygyny saklaýarlar. Olaryň gutarnykly şöhrat gazanyşlaryna çenli Mahmyt 1030 (421)-njy ýylyň baharynda dünýäden ötýär.

Mahmyt Gaznalynyň ylma, sungata we edebiýata sahylyk bilen eden hemaýaty döwlet adamy we harby serkerde hökmünde gazanan şöhratyndan pes däldir. Ol Gaznada ýokary mekdebi esaslandyrýar; onuň sahylygy üçin ajaýyp edebi zehinler (olaryň hatarynda Ferdöwsi hem bar) emele gelýär. Gazna şol döwürdäki ähli şäherlerden özüniň köşkleri we metjitleri, suwaryş we jemgyýetçilik desgalary babatda tapawutlanýar.

Mahmydyň eýelän çägi Lahordan Samarkanda we Yspyhana çenli uzapdyr; ýöne ol tiz wagtdan soň, demirgazyk welaýatlaryndan jyda düşýär. Birnäçe ýyldan soň seljukly türkmenler Merwiň (Mary) töwereginde, Daňdanakanda 1040-njy ýylda Mahmydyň ogly Masudy ýeňlişe duçar edýärler we Gaznalylaryň hökümdarlygyny syndyrýarlar.

Hijri ýyly		**Milady ýyly**
351-582	**Gaznaly türkmenler**	**962-1186**
351	Alp hökümdar	962
352	Yshak	963
355	Bilge hökümdar	966
362	Piri	972
366	Söbük hökümdar	977
387	Ysmaýyl	997

388	Mahmyt (Ýemineddöwle)	998
421	Muhammet (Jelaleddöwle)	1030
421	Masut I (Nasreddin-Ala)	1030
432	Maudud (Şyhabaddöwle)	1041
440	Aly Abul-Hasan (Behaaddöwle)	1048
440	Abdyreşit (Izzaddöwle)	1049
444	Togrul	1053
444	Farruhzat (Jemaladdöwle)	1053
451	Ybraýym (Zahyraddöwle)	1059
492	Masut III (Alaaddöwle)	1099
508	Şirzat (Kemaladdöwle)	1114
509	Arslan (Soltaneddöwle)	1115
511	Bährem şa (Ýemineddöwle)	1118
547	Hysrow şa (Muyzzeddöwle)	1152
555-582	Hysrow Mälik (Täçeddöwle)	1160-1186

Gaznaly türkmenleriň şejere daragty



GURLY TÜRKMENLER

(Owganystanda we Hindistanda)

543-612 hijri *1148-1215 milady*

Hyrat bilen Gaznanyň arasyndaky daglyk ýerde bolan Gur welaýatynda irki döwürlerden bäri az sanly, ýöne hakyky özbaşdak nesilşalyklar hökmürowanlyk edipdir. Adatça, özleriniň mesgeni hökmünde Firuzkuh galasyny saýlapdyrlar. Mahmyt Gaznaly bu ýeri 1010 (401)-njy ýylda boýun egdirýär. Ol döwürde owganly gurlara Muhammet Sury hökümdarlyk edipdir. Onuň ata-babalary Gaznalylaryň ýokary hökümdarlygy döwründe Firuzkuhda we Bamyýanda häkimlik edipdirler. Olar gyz alyp, gyz berşipdirler. Bu köşgüň wekilleriniň biri Kutbeddin Muhammet öz gaýyn atasy Bährem şany Gaznalynyň buýrugy bilen öldürýär. Onuň aryny almak üçin dogany Guruň hökümdary Seýfeddin Sury 1148 (543)-nji ýylda Gaznany eýeleýär. Emma indiki ýyl Bährem şa öz paýtagtyny gaýtadan eýeleýär we şonda çozuşyň sebäpkäri gynalyp öldürilýär. Bu ikinji wagşyçylykly hereket üçünji doganlary Alaýeddin Söýüniň berk ar almak duýgusyny öjükdirýär. Ol dünýäni ýandyryjy diýip at alypdyr, şol gazaby bilen ol butlary ýumrujy Mahmydyň ajaýyp şäherini oda we gylyja berýär. Gaznanyň harabalyklaryny ýigrenç duýgusy bilen terk eden Alaýeddin Gura dolanýar. Seljuk türkmenleriniň soltany Soltan Sanjaryň elinde gysga wagtlaýyn ýesirlikde bolandan soň, ol 1161 (556)-nji ýylda ýogalýar. Şeýle howsalaly döwürde türkmenler-guzlar (oguzlar) Owganystany eýeläp, Gur we Gazna hökümdarlarynyň döwletini derbi-dagyn edýärler.

Zent türkmeleriniň şejere daragty



Owşar türkmeleriniň şejere daragty



Sefewi türkmeleriniň şejere daragty



Gajar türkmenleri

1193	Agamuhammet	1779
1211	Fath Aly	1797
1250	Muhammet	1834
1264	Nasreddin	1848

Gajar türkmeleriniň şejere daragty



◈ ◈ ◈

Türkmene soňky iki ýüz ýylyň dowamynda alamançy, çapawulçy diýlen töhmet atylyp gelindi, şol töhmet şu asyryň otuzynjy ýyllarynda basmaçy sözi bilen çalşyldy. Ol tagma türkmeniň ýurduny basyp almak üçin gaýry bir bahana tapmadyk ýurtbasarlaryň goýan bahana ýaragydy. Biz, eziz türkmen halkym, geçmişi sapak edinmegi başarmalydyrys. Bu meselede size eliňizdäki Ruhnama kömek eder!

Mähriban halkym!

Türkmen halkynyň taryhy ýoly şanly, göreşli ýoldur. Bu ýol bizi garaşsyzlyga getiren ýoldur. Bu ýol bizi altyn ýaşaýşa ruhlandyrýan ýoldur! Men ata-babalarymyzyň geçen ýoluna gysgaça ünsüňizi çekdim. Gelejekde biz ata-babalarymyzyň geçen ýoluny, guran döwletleriniň taryhyny düýpli öwrenmelidiris. Taryh biziň üçin iň gymmatly terbiýe mekdebidir. Bize täsin taryhy gymmatlyklarymyzy öwrenmek, ruhy dünýämizi mundan hem baýlaşdyrmak bagty garaşýar.

ÜÇÜNJI BÖLÜM

TÜRKMEN MILLETI

Eziz türkmen milletim!

Millet bolup ýaşamak uly bagtdyr. Bitewi millet bolmagyň esasy şerti özbaşdak döwletli bolmakdyr. Türkmen soňky ýedi-sekiz ýüz ýyllykda bitewi millete öwrülmegiň ahy-zaryny çekdi. Özbaşdak döwletli bolmagymyz türkmeniň asyrlarboýy eden arzuwyna ýetmäge mümkinçilik döretdi. Türkmen Garaşsyz, baky Bitarap döwlete eýe bolansoň, Nuh pygamberden gözbaş alan aslymyza nazar aýlamak, Altyn asyrda, altyn ruhda, altyn ýaşaýyşda ýaşamagymyza goltgy-tekge berjek kitaby döretmek zerurlygyny ýüze çykardy.

1889-njy ýylda Günbatar Sibirde Orhon derýasynyň akymynda, ýüzünde taryhy ýazgyly daşlar tapylýar. Bu daşlarda ýazylan elipbiýiň gadymy türkmen elipbiýidigini we daşlardaky ýazgylaryň, hatlaryň türkmençedigini 1893-nji ýylda alymlar anyklaýarlar. Şeýdip, 38 sany harpdan ybarat bolan gadymy türkmen elipbiýiniň üsti açylýar. Ýazuw ýadygärliklerinde şeýle sözlem bar: «Türkmen oguz begleri, budur eşidiň, bizi Taňry basmasa, asla ýer dilinmese, türkmen iliniň törüni hiç kim bozup bilmez». Bu ýerde türkmenleriň ýok bolup gitmezliginden söz açylýar, olaryň özbaşdak millet

bolmagyna isleg bildirilýär. Halkyň arasynda henize çenli ulanylýan «Daşa ýazylan ýaly» diýen dana sözlem şudur.

Men geçmişime kän sapar nazar aýladym. Ruhnama kitabyny ýazmak hakda kän oýlandym. Her gezek Oguz han atamyň ruhy:

— Ýaz, milletiň, il-ulusyň inen ýeri — güzer bolar, milletiň, il-ulusyň oňlan ýeri — ýurt bolar, milletiň, il-ulusyň arzylan zady — öwlüýä bolar! — diýdi.

Gorkut atamyň ruhy:

— Ýaz, milletiň oňlap, alnyna togap edip, aňyna, ýüregine ýazan zady keramatly bolar! — diýdi.

Görogly begiň ruhy:

— Anyk ýoly bar millet bagtlydyr. Milletiň bagty Watanyny, ýurduny batyrgaý gorap bilmegindedir. Milletiň bagty bu gün seniň eliňde. Sen türkmen milletiňe altyn ýaşaýşyň güzerini görkez, ol seniň taglymatyň bolar, ol seniň ýoluň bolar Saparmyrat! — diýdi.

Magtymguly atamyzyň ruhy şeýle diýdi:

— Köňüller, ýürekler bir bolup başlar,
Tartsa ýygyn, erär topraklar-daşlar.
Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň!

Kyblam atamyň, käbäm ejemiň ruhlary:

— Allatagala türkmeniň dört gerçegine — Oguz han Türkmene, Gorkut ata, Görogla, Magtymgula pygamberlik ýüküni urdy. Bu gün Allatagalanyň ol ýüki seniň gerdeniňde. Ömrüňi türkmen milletini agzybir saklap, altyn ýaşaýyşda döwran sürmegine bagyş et, ýol görkez, oglum! — diýdiler.

Her bir ynsan arzuw bilen ýaşaýar.

Men türkmeniň başynyň belent, agzynyň bir bolmagyny, altyn ruhda, altyn ýaşaýyşda ýaşamagyny isleýärin.

Men siziň Jebislikde, Agzybirlikde, Abadançylykda, Ruhubelentlikde ýaşamagyňyzy isleýärin.

Men Ruhnamany türkmen milletiniň ýetmeli menziline şamçyrag bolsun diýen ýagşy niýet bilen döretdim.

Allatagalanyň beren demini bisarpa tutman, milletiň eşretli durmuşda ýaşamagy üçin her bir türkmen bar gujur-gaýratyny, başarnygyny il-ýurduna bagyş etmelidir. Şonda ýetilmejek menzil, bitirilmejek asylly iş galmaz.

◊ ◊ ◊

Men mahal-mahal öz milletime çakdanaşa buýsanyp, türkmen diýen sözüň şuglasyna gözümi gamaşdyryp, türkmen diýen sözüň jadysyna erkimi berip ýören bolaýmaýyn diýip oýlanýaryn. Emma heniz adam ogluna söýgüden zeper ýeten däldir, milletini söýüp zelele galan ýokdur, milletini söýmedikden gork, her kim milletini söýse — milletler-de biri-birini söýer. Öz milletini söýüp bilmedik özgäniň milletini söýüp bilmez diýip, söýgümi delillendirýärin. Türkmen — bu söz meniň gursagymda ýüregimiň çoguna ýylanyp, bäbejik ýaly kalbymyň mährine dolanyp ýatyr.

Bu sözde bäş müň ýyldan atyny ýüzin salyp geçen halkyň merdana buýsanjy, tebigy sarçlygy, ýüreginiň mähri ýatyr.

Bu söz keramatly saçak bolup, tükeniksiz taryhda halkymyzy daşyna üýşürip, dost etdi, jebisleşdirdi, bitewileşdirdi.

Türkmen biziň milletimiziň ady.

Ata-babalarymyz bu sözi tug kimin göterip ýowuz duşmana garşy söweşe çykandyr. Gursagy naýzaly asmana garap, jan beren pursaty bu söz, bu söýgi oňa hemra bolandyr.

Halkyňa bolan söýgüniň aňyrsynda parz, borç, jogapkärçilik, galkynyş ýatyr.

Her hili agyr pursatlarda hem dana halkymyz «Dinden çyksaň çyk, ilden çykma» diýip, milletiň girelgesiniň aňyrsyny petikläpdir. Dünýäde şindi millet bolup bilmediklere ýüregiň awaýar, milletiň çygryndan çykyp, millet diýlen zada taryhyň zyýanly galyndysy hökmünde garaýanlara bolsa ýüregiň iki esse awaýar.

Milletimiz — biziň buýsanjymyz! Şu keramatly sözüň mertebesini götermek üçin ýaşaýarys, ölsek hem türkmen şekilli ölmegi arzuw edýäris.

Ýat-ýakyn ýurtda apgyrdyňy basyp, agzyňy açyp ýörseň: «Bendäniň bolşy şeýledir» diýmezler, «Aý, ol millet şeýle» diýerler.

Ýat-ýakyn ýurtda döşüňi gapak ýaly edip, mertebäňe mynasyp bolup gezseň: «Hä, ol türkmendir! Olar taryhy sorap gelen halk ahyry» diýerler.

Saňa ýokjak gara özümde dursun, aklygym, päkligim seňki, türkmen!

Ähli söýgim seniňki bolsun, jebri-jepasy meňki, türkmen!

Mahal-mahal agyr oýlara batyp, özümi dert-azara goýýaryn: «Wah, lagnat siňmiş Çingiz hanyň wagşy ordasy bolmadyk bolsa, taryhyň bu apaty pajarlap oturan ýüz müňlerçe ilatly Köneürgenjiň, Maru-şahu-jahanyň, Şähristamyň, Abywerdiň, Amulyň, Zemmiň, Dehistanyň, şäher-kentlerini boýnuna göwher monjuk ýaly düzüp oturan Oguzboýunyň (Uzboýuň) üstünden sowa geçen bolsa, müňlerçe kitaply

kitaphanalar — «Ylym öýleri» ýakylyp-ýandyrylmadyk bolsa, häzir Türkmenistan dünýäniň ykdysady, syýasy, medeni, ylmy mertebesini göterip barýan kuwwatly döwlet bolardy.

Iskender Zülkarneýniň, Çingiz hanyň, Teýmir agsak we başga-da birnäçe basybalyjylaryň ýowuz sütemlerine, gyrgynçylygyna, weýrançylygyna türkmen milleti döz gelmegi, Oguz han Türkmenden miras alan mukaddesliklerini, adyny, mertebesini, däp-dessuryny, medeni mirasyny şu günki şöhratly günlerimize ýetirmegi başardy.

Beýik türkmen milletimiz şol aýylganç apatlardan Türkmen diýen keramatly sözi tug edinip öňe çykdy. Türkmen oduň içinden milletini alyp çykdy.

Onsoň neneň buýsanmarsyň eziz halkyma!

◈ ◈ ◈

Eziz türkmen milletim!

Aslyň Oguz handan gaýdýar. Ýigrimi dört taýpa, kyrk tire owalynda türkmen milletiniň düýbüni tutandyr. Asyrlaryň geçmegi bilen käbir tireler, taýpalar köpelip ýer ýüzüne ýaýrap, täze tireler döredip, öz birligini saklapdyrlar. Şu gün Türkmenistan garaşsyz döwlet bolanyndan soň hem tire-taýpa gatnaşyklary umumy türkmen milletiniň agzybirligine zyýan ýetirýär. Men şu meselede, eziz türkmen halkym, saňa ýörite ýüzlenýärin:

Bitewi türkmen milleti täzeden döredi, diňe milletiň bähbidi, diňe milletiň agzybirligi, diňe milletiň bitewiligi, bölünmezligi Garaşsyz, baky Bitarap döwletiň mynasyp eýesi bolup biler.

Tire-taýpa bölünişigi wagtlaýyn, milli bitewilige çenli geçilýän ýoldur. Indi ol kämil Millete şikes ýetirer. Tire-taýpa meselesini indi goýalyň! Tire-taýpa gürrüňi geçmişde galsyn, her bir türkmen tire-taýpa gürrüňiniň bolmazlygy üçin çalyşsyn. Türkmen halky bir dogandyr.

Eziz adamlar, diňe türkmen milleti öz ykbalyny bagtly edip biler.

Bu gün dünýäde 22 milliondan gowrak türkmen ýaşaýar, biziň Garaşsyz, baky Bitarap diýarymyzda bolsa 5.500.000 türkmen ýaşaýar. Şu ýerde bir zady — bizde kyrkdan gowrak milletiň wekiliniň bardygyny, olaryň türkmenler bilen bir jan, bir ten bolup, agzybirlikde, bagtyýarlykda, ruhubelentlikde, jebislikde ýaşaýandyklaryny, el-ele berip önümçiligiň dürli ugurlarynda zähmet çekýändiklerini aýratyn belläp geçmek isleýärin. Ilatymyzyň ýüzden iki bölegi özbekler, ýüzden bir bölegi ruslardyr. Umuman, ilatyň ýüzden bäş bölegini başga milletiň wekilleri tutýar.

Türkmen başga milletiň wekillerine öz dogany, dosty hökmünde seredýär. Türkmende milletçilik duýgusy ýok. Türkmen başga milletiň diline, dinine, däp-dessuryna aýratyn sarpa goýýar. Türkmen döwletiniň kanunlarynyň öňünde Türkmenistanda ýaşaýan ähli raýatlaryň borçlary, hukuklary deňdir.

◈ ◈ ◈

Ummasyz uzyn taryhynda türkmeniň milletiniň öz döreden keramatlyklary bar, öz döreden mukaddeslikleri bar.

Türkmen milleti saçagyny keramat bilip, ony mukaddeslik derejesine göteripdir. Saçak — türkmeniň agzybirliginiň nyşany, ol daşynda türkmenleri jem eýleýär. Saçak —

türkmeniň kasamy. Türkmenden hanyň kim diýip soralanynda, ol «Desterhan!» diýip jogap beripdir.

Türkmen dogan-garyndaşy, ýakyny bilen saçakly gatnaşýar. Ol gudaçylyga gideninde çörekden doly saçagy alyp gidýär, eger gyzly öý onuň ogluna gyzyny berip, garyndaşlyk açjak bolsa, gudanyň getiren çöregini alyp galyp, şonuň bilen sandaş çöregi hem salyp goýberýär.

Türkmen alys-ýakyn ýola ugranynda, ýanyna bir bölek çörek alyp gider, ol çörek oňa ýolda ýoldaş bolar, ol çörek ony mukaddes ojagyna, saçagyna getirer diýen yrym bar.

Bu gün Gorkut atamyzyň arzuw eden paýhas-parasadyna, agzybirligine ýetdik.

Bu gün Görogly begiň küýsän döwletine, döwletliligine ýetdik.

Bu gün Magtymguly atamyzyň arzuw eden birligine, jebisligine ýetdik.

Türkmen bu gün öz berkarar, Garaşsyz döwletinde bir supra jem boldy. Türkmen ata-babalarynyň arzuwyna ýetdi.

Şu bagtyň gadyryny bil, Türkmen! Beýik Taňra daýanyp şu günüňi gora, Türkmen!

◈ ◈ ◈

Durmuş maňa ýowuz darady, watan üçin gahrymanlarça söweşip, wepat bolan kakamyň didaryna zar bolup, onuň adyna buýsanyp ulaldym. Nägehan, elhenç ýer titremesi bir pursadyň içinde meni iki görejim deý iki doganymdan, käbäm ýaly mähriban ejemden aýryp, öýümi ýykdy. Görogly gabyrdan

ýagty jahana çykan bolsa, men ýagty jahana harabalykdan çykdym.

Men kakama meňzeş adamlarda kakamyň didaryny görüp ýesirligi, ejeme meňzeş aýallarda ejemiň didaryndan nyşan görüp ýetimligi çekmeli boldum. «Enesiz ýetim, atasyz ýesir» diýleni bolup, men bu dünýäde beýik Allatagalany käbäm, kyblam edindim.

Aga-gara düşünip, okap-öwrenip ugranymdan soň, men eziz watanymyň hem ýetimdigine, halkymyň hem ýesirdigine göz ýetirdim. Ýaradanyň ýagty jahanynda gözlerimden monjuk-monjuk ýaş akdyrmasam-da, ýaradar ýüregimiň ganyny sarkdyryp gezmeli boldum. Bendiniň janyndan geçip öz ýurduny agtaryşy ýaly, ýetimiň ata-babasyny, ýakyn garyndaşyny agtaryşy ýaly men kitaplar dünýäsine gidip, merdana ata-babalarymyň ruhlaryny agtardym.

Şeýdip, oglankam men türkmeniň kimdigini, watanyň nämedigini öwrendim. Ilki ýüregimiň, soňra gündeligimiň bir ýerine «Ir dana bor, bu dünýäniň örtäni» diýip ýazan sözüme kalbymy ýyladyp gezdim. Onsoňam, gönüň syna-syna seýik bolýandygyna göz ýetirdim.

Men adamyň nämedigine gaty ir akyl ýetirdim. Käbir adam bardy, hoş söz aýdyp, güler ýüz bererdi. Men beýle adamy ýagşyzada saýyp, onuň aýdan gyzgyn sözüni edil ýaňy tamdyrdan çykan çörek ýaly elimi bişirip, üfleşdirip iýdim, ol sözler meni hem doýurdy, hem ganatlandyrdy. Käbir adam bardy, ýüzünden gar ýagyp, boran syrap dur, ol bolsa-bolmasa awuly sözüni aýdyp, göni ýüregimden çüýläp giderdi. Uraýyn diýsem küşdüm pes, garpyşaýyn diýsem muştum kiçi! Nädeýin, ýalňyz çagym oturyp ol awuly, sowuk sözleri bagrymdan, jigerimden awuly ok kimin çykaryp zyňdym.



XXI ASYR - TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY

Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynyň golýazmasyndan nusga

Görogly meniň ykbalymda Ýaradanyň ýaradan dünýäsinden başga bir dünýä açdy, ol dünýäde adalat dabaralanýardy. Men dünýäde adalatdan beýik zadyň ýokdugyna akyl ýetirdim.

Leningradda okap başlanymda söýdügim söwer topragymdan hem jyda düşdüm. Men kitaphanalara gatnap, watanymyň goýnuna giren ýaly taryhyň goýnuna girdim. Leningradda okan ýyllarym halkymyň bäş müň ýyllyk taryhyny öwran-öwran okap çykdym.

Alys ýola ugranyňda ejeň ýanyňa bir kesemen çörek salyp goýberýär, mende bolsa eje ýok, men gursagyma «Türkmen» diýen gudratly sözi salyp gitdim.

Alys ýola ugranyňda ataň ak pata berip goýberýär, emma mende ata ýok, ak patany ata Watanymdan alyp gitdim...

Görüp otursam, men ýetim däl ekenim! Oguz han ýaly atasy, Gorkut ata ýaly mugallymy, Görogly ýaly agasy, Magtymguly ýaly danasy bolan adam, heý, ýetim bolarmy?

Türkmen serkerdeleri Togrul begdir Çagry begiň güýçlenip başlamagy Magryby-Maşrygy sorap, Hindistany boýun egdirip ýören türkmen soltany Mahmyt Gaznalynyň gonjuna gor guýýar. Ol seljuk türkmenleriniň ýagdaýyny bilmek üçin olaryň hanlarynyň birini görme-görşe çagyrýar. Ysraýyl han on müň atlysy bilen soltanyň dergähine ugraýar. Soltan dessine habar ýollap, «özüne kömek gerek däldigini, diňe görme-görşe çagyrýandygyny» ýetirýär. Ysraýyl üç ýüz atlysy bilen görme-görşe gelýär. Soltan ony mynasyp garşylap:

— Eger bize kömek gerek bolaýsa, näçe ýygyn berip bilersiňiz? — diýip, Ysraýyldan soraýar. Ysraýyl sagdagyndan bir oky çykaryp:

— Şu oky ýollasaňyz, Balkandan otuz müň goşun geler! — diýipdir.

— Eger köpräk gerek bolsa?!

— Onda şu oky ýollasaňyz, ýene on müň atly-ýaragly ýigit geler.

— Eger has köpräk goşun gerek bolsa?!

— Şu oky Balkan daglaryna iberseňiz, ýüz müň goşun geler!

— Has köp goşun gerek bolaýdy-da?

— Şuny Türkmenistana iberseňiz, bäş ýüz müň goşun diýseň-de geler! — diýip, Ysraýyl başga bir ok berýär.

Türkmeniň bir taýpasynyň serdary bäş ýüz müň goşun çykaryp bilýär. Bu ummasyz uly goşun. Ol goşuny çykaryp bilýän halkyň hem nähili uludygyny göz öňüne getiriberiň...

Türkmen taryhynyň üçünji Görogly eýýamy türkmen milletiniň ýaňynyň dünýä ýaýran döwri.

◈ ◈ ◈

Türkmen milleti uzak ýyllaryň dowamynda milli aýratynlygyny saklamak bilen, özüne ägirt uly ruhy güýç toplamagy başardy. Şu taryhy binýadyň we geçmişiň tejribelerine esaslanyp, geçiş döwründe ülkämizde abadançylygy we durnuklylygy saklamagyň hötdesinden geldik. Iňňän gysga döwrüň içinde milli-döwlet gurluşynyň düzgünnamasy, maksatnamasy işlenilip düzüldi we durmuşa geçirildi, daşary gatnaşyklar ulgamy döredildi. Biziň döwletlilik gurluşymyz milli özboluşlylygymyza, türkmen halkynyň däp-dessurlaryna we BMG-niň Düzgünnamasyndan gelip çykýan umumyadamzat düzgünlerine doly laýyk gelýär.

Biz her bir äden ädimimiziň, bir tarapdan Türkmenistanyň milli bähbitlerine, beýleki tarapdan bolsa sebitde durnuklylygy, halkara howpsuzlygy berkitmek ugrundaky talaplara laýyk gelmegi ugrunda göreşýäris. Bularyň bir-birlerinden aýrylmaz baglanyşyklydygyna mydama durmuşda göz ýetirýäris.

Biziň mümkinçiliklerimiz çäksizdir. Biz olaryň umumy bähbit we umumy peýda getirmeginiň tarapdary. Şonuň üçinde biz deň derejeli hemşerilik we özara bähbide esaslanýan giň hyzmatdaşlyga taýýar. Ykbal Türkmenistana Ýewropada hem, Aziýada hem halkara gatnaşyklarynyň merkezine öwrülmek mümkinçiligini döretdi. Biziň ýerasty we ýerüsti baýlyklarymyz Altyn asyrda altyn ýaşaýşymyzyň üpjünçiligine, ygtybarlylygyna kepil geçýär.

Taryhda biziň ata-babalarymyz gylyç bilen dünýä özlerini tanadan bolsa, bu gün biz öz akylymyz, baý ruhy gymmatlyklarymyz bilen dünýä özümizi tanadarys. Geçmişde Türkmenistan özüniň deňi-taýy bolmadyk ajaýyp ahalteke atlary, dünýä sungatynyň ajaýyp nusgalaryna öwrülen halylary we ummasyz tebigy baýlyklary bilen tanalypdyr. Bu gün bolsa türkmen milleti özüniň parahatçylyk syýasatynyň bütin dünýäde ykrar edilmegi ugrunda göreşýär. Beýik danamyz Magtymguly Pyragy: «Öňüň gara, ardyň gözle, hoş sözüň diý, gahryň gizle, sözläbilseň ýagşy sözle, halk ýamanyň bizarydyr» diýip, takyk belläpdir. Men ertirki bagtyýar günümizi görýärin. Şu günki, ertirki bagtyýar ýaşaýşymyza hiç bir zadyň zeper ýetirip bilmejekdigine, baky Bitaraplygymyza çäksiz buýsanýaryn.

◈ ◈ ◈

Garaşsyzlyk türkmen milletiniň ykbalyny doly özgertdi, gutarnykly kemala getirdi. Çünki milli döwlet milletiň barlygynyň, onuň ýöne bir howaýy pikir ýa süýji bir arzuw däldiginiň anyk subutnamasydyr. Millet diňe milli döwletiň barlygynda emele gelýär. Şonuň üçin millet halkyýetden tapawutlanýar. Halkyýet özüniň degerli döwlet - syýasy amalyny we şekilini edinip bilmedik, şol sebäpdenem, taryhy gelejegi näbelli umumylykdyr. Beýle diýildigi onuň geljegi näbelli — ýitip gitmegem, ýitip gitmezligem mümkin diýildigidir. Ýitip gitmezliginiň ýeke-täk ýoly bar, ol hem millete öwrülip bilmek. Millete öwrülmek diýmek bolsa, özbaşyňa döwletli bolmak diýmegi aňladýar.

Taryhy geçmişe ýüzlenenimizde, türkmeniň millet hökmünde dörän wagtynyň düýn ýa şu gün däldigine göz ýetirýäris. Ýöne, bu milletiň taryhy ykballary şeýle bir çylşyrymly bolupdyr, onuň ýaşaýşynda diňe bir ilerlemeler, öňe gitmeler däl-de, eýsem yza gaýtmalar, gaýtgynlar hem köp bolupdyr. Marksizm taryhy gaýtgynsyz, diňe ýokary galyp barýan birtaraplaýyn döwür hökmünde göz öňüne getirýär: taýpa döreýär, taýpadan halk, halkyýetden millet we ş.m.-ler. Emma taryh bütinleý ters hadysalaram — ösüş bilen gaýtgynyň gezekleşip gidýän pursatlarynam biziň gözümize dikýär. Türkmeniň ýaşaýşy-da, onuň milli, millilik taryhy-da şeýle iki taraplaýynlykdan emele gelýän çylşyrymlylyga örän baýdyr. Türkmeniň bir gezek millet hökmünde döränsoňam, soňraky taryhda milletiň birhili dürli sebäplere görä, ýene-de taýpa, tire görnüşlerine geçip giden pursatlary, aýry-aýry taýpalaryň özbaşdak ýaşaýyş görnüşlerine geçen wagtlary, gaýtadan ýene millete öwrülmek mümkinçiliginiň güýçlenip, ýokarky hetdine ýeten mahallary bar. Diýmek, bize öz zamanamyz babatda **täze**

türkmen milleti diýen düşünjäni girizmegimiz zerurlykdyr hem maksadalaýyklykdyr.

Biz özümiziň milli döwletli bolandygymyza, täze türkmen milletidigimize çäksiz buýsanmaga haklydyrys.

Biz Garaşsyz ýurdumyzda gurulýan owadan-owadan binalara guwanýarys. Edil şonuň ýaly, biz halkymyzyň içki dünýäsinde, kalbynda gurlan we gurulýan «gözel binalary» görmegi-de başarmalydyrys. Iň gözel binalar biziň şäherlerimizde, obalarymyzda däl-de, kalbymyzda, gursagymyzda gurulýar. Olary görmek üçin paýhas gözlerini, Magtymguly atamyzyň aýdyşy ýaly, jan gözlerini edinmek gerek.

◊ ◊ ◊

Ruhnamanyň täze bir dünýägaraýyş babatdaky manysy şundan ybarat: tebigatyňam, jemgyýetiňem, şahsyýetiňem içki herekete getirýän güýji ruhdur. Ruh bolmasa, ýaşaýyş ýokdur, Ruh ýaşaýşyň içki mańzydyr.

Millet — adamlaryň belli-belli ruhy esaslarda bir topluma öwrülmegidir. Diňe şol ruhy binýatlaryna laýyklykda milletiň maddy, daşky bitewiligi kemala gelýär.

Biziň milletimiziň gözbaşynda Oguz hanyň durandygyny öwran-öwran gaýtalamagymyň esasy sebäbi, baryp mundan bäş müň ýyl owal Oguz hanyň türkmenleri milli-syýasy bitewilige öwürmegiň hötdesinden gelenligidir. Onuň akyl-paýhasy we gujur-gaýraty bilen dünýäde, megerem, iň ilkinji milletleriň biri bolan türkmeniň binýady tutuldy. Beýik aslymyzyň bu taryhy hyzmaty bize şeýle pelsepe sapagyny berýär: millet ruhdan we onuň maddylaşmasy bolan medeniýetden başlanýar, islendik daşky toplumy — halky içki

topluma — millete öwürmek üçin ony, ilki bilen, ruhy taýdan bitewileşdirmelidir.

Ruh ýaşaýşyň «bissimillasydyr». Hemme ýollar ruhdan başlanýar. Ruhy sazlaşygyň bozulan ýerinde ýaşaýyş weýran bolmak bilen. Dünýä bir göwre bolsa, ruh onuň janydyr.

«Oguznamalaryň» şaýatlyk etmegine görä, Oguz han şahsyýet hökmünde ir kemala gelipdir. Kemala gelibem, ol kakasy bilen gapma-garşylyga girýär. Bu ýerde gürrüň ownuk dawa-jenjel hakynda däl-de, jemgyýeti özgertjek tutumlar hakda barýar. Oguz han bilen kakasynyň arasyndaky gapma-garşylygynyň esasynda düýpli sebäp ýatýar: Oguz kakasynyň dini ynanjyndan ýüz öwrüp, täze bir ynanja gol ýapypdyr. Ol ýekehudaýlylyk ynanjynyň, kakasy bolsa köphudaýlylyk ynanjynyň tarapynda. Bu wakalarda biz taryhy özgerişlikleriň ýaňyny eşidýäris.

Men türkmen milleti Oguz han Türkmenden başlanýar diýýärin. Oguz han bolsa ýekehudaýlylykdan başlanýar, ynançdan — ruhdan başlanýar. Onsoň bu ýerde möhüm bir pikiri nygtamalydyryn: türkmeniň Oguz handan başlanýan bäş müň ýyllyk taryhy işjeňligi, ýörişleri, ösüşleri şol owalbaşky ruhy pikiriň, ruhy tapyndynyň amala aşmagydyr. Bütin türkmen üçin ýeke-täk ynanjyň, ýeke-täk gymmatlygyň ýüze çykarylmagy bu halkyň içki barlygynda baslygyp ýatan ähli akyl hem ýürek, beden hem köňül kuwwatynyň peýda bolmagyna getiripdi.

Beýik-beýik deryalar hem daglaryň goýnundaky çeşmeleriň birikmeginden peýda bolýandyrlar.

Beýik-beýik daragtlaram kiçijik tohumyň ýarylmagyndan peýda bolýandyrlar.

Emma deryalar öz suwuny içmeýärler,

baglar öz miwelerini iýmeýärler.

Edil şonuň ýaly, ruh hem özi üçin däl-de, dünýä, ýaşaýyş üçin ýaşaýar.

Oguz hanyň ilkibaşky ruhy tapyndysy — milli oguz-türkmen elipbiýiniň döremegi, Oguz hanyň beýik ýörişleri mahalynda täze guralyň — arabanyň oýlanyp tapylmagy türkmeni bütindünýä-taryhy açyşlaryň üstünden eltdi.

Kaňly taýpasynyň öňbaşysy tarapyndan arabanyň oýlanyp tapylmagy bolsa — türkmeniň bütin adamzat üçin ikinji beden tizligini tapmagydyr. Şu iki tizligi türkmenler özleriniň bütin taryhynyň içinden eriş-argaç geçirip, şu günlere ýetirdiler. Elbetde, araba taryha, ýaşaýşa tizlik berdi. Emma elipbiýimiz bolsa öz daşky durşuny üýtgetdi we biziň günlerimize, eýýäm, türkmen halysynyň nagyşlary görnüşinde gelip ýetdi.

Haly biziň üçin sungat.

Ata-babalarymyz üçin bolsa haly ylym hem dünýägaraýyş bolupdyr.

Bu hili üýtgeşik gatnaşygyň aňyrsynda ruhuň göwräniň içindäki göçüp-gonmasy, mekanyny üýtgedip ýörmesi ýatýar.

Ruh adamyň kellesinde mesgen tutanda, ylym we dünýägaraýyş;

ruh adamyň ýüreginde ornaşanda bolsa, sungat kemala gelýär.

◈ ◈ ◈

Ozallar halkymyz asmandaky Akmaýanyň ýoluna Oguz ýaýy diýipdir. Oguz han aýy hem diýlipdir.

Gorkut atamyz zamanyna deňiç Amyderýanyň ady Oguz derýasy bolupdyr.

Asmandaky Öküzler atly ýyldyzlar toplumyna ozal Oguz ýyldyzlar toplumy diýlipdir. Oguz ýyldyzlar toplumy doganynda oguzlar ýazlaga çykypdyr, ýaşanynda gyşlagyna gaýdyp gelipdir.

Gorkut ata zamany oguzlar häzirki Hazar deňzine Gürgen deňzi diýer ekenler. Eýrandaky Gürgen welaýaty, Magtymguluda köp duşýan Gürgen ady biziň gadymy oňonymyzyň — Gurduň adydyr. Oguzlar özlerini gurtganly, möjek ganly hasaplapdyrlar. Oguz han atamyz ýörişe gideninde mydama öňüne möjek düşürip gider eken.

Türkmen ogly ýalňyzlyk basyp, gussa laýyna batanynda hem, mes bolup, kalby gursagyna sygmaýan çagy hem tebigata, daglara, deňze, derýa ýakasyna, çölüstana çykýar. Zawlarda, derelerde paý-pyýada aýlanyp, kötel gerişlere çyksaň, göwnüň çaga batböregi ýaly gökde gaýyp başlaýar, şol pursat ýalançy atlandyrylýan dünýäniň ähli derdi-azaryny unudyp, adam öz ruhy dünýäsine garylýar. Emma ýedi yklymy aýlanyň, siz türkmeniň dagyndan ýüz esse gözel, goýny jennet bilen barabar ümürsin tokaýly daglara duşarsyňyz, emma ol daglar ne siziň diliňize düşüner, ne siziň gursagyňyzdaky derdiňizi bölüşer. Siz şu ýurtdan başga ýerde kalbyňyzdaky derdi sokga sorýan çöllerem, deňizlerem, türkmençe aýdym aýdyp, türkmençe saz çalyp ýagýan çabgalaram tapmarsyňyz.

Bizi saçak ýaly daşyna jemläp duran diňe ene dilimiz, döwletimiz, ganymyz, ruhumyz, gylyk-häsiýetlerimiz, ýüz-keşpler meňzeşliklerimiz, däp-dessurlarymyz däl, tebigatymyz hem daşyna jem edip dur. Çünki türkmen diýmek — bitewilik diýmekdir. Bitewilik türkmen aňynda aňrybaş uly gymmatlyk hökmünde aňlanylýar.

Tebigat hem ruhyýet — türkmen bitewiligini hasyl edýän gymmatlyklardyr.

Biziň zamanymyz üçin millet bilen döwletiň arasynda, tebigat bilen adamyň arasynda bolşy ýaly sazlaşykly gatnaşyklar gerekdir. Döwletimizde tire-taýpa tapawutlar bolmaly däldir, milli bitewiliginiň ähli esaslary barha köpelmelidir. Milletiň ýüzi — geljege sary, tire-taýpaparazlyk bolsa, türkmeniň geçmişidir.

Türkmen topragynyň mylaýym ýelleri türkmençe öwsüp, kalbyňyzdan mylaýym akyp geçýär.

Türkmeniň başyny asmana diräp duran gara daglary türkmençe söhbet edip, size arka bolup dur, ümmülmez giň çöllerem türkmençe gürläp, pasly baharlar siziň kalbyňyzda lälezar bolup açylýar.

Türkmeniň tereň deryalary türkmençe gürleşip, ykbalyňyzyň içi bilen akyp geçýär, möwçli deňzi türkmençe gürleşip, goýnunda ruhuňyza ruh goşýar.

Siziň ruhuňyz ata-baba ruhy bilen birleşip, siziň kalbyňyza buýsanç, hyruç, söýgi bolup dolýar.

Oguz hanyň taglymaty halkyň hakydasynda Oguz hanyň ýoly bolup galypdyr.

Gorkut ata taglymaty halkyň hakydasynda Gorkut ata ýoly bolup galypdyr.

Görogly begiň taglymaty halkyň hakydasynda Görogly ýoly;

Magtymguly atamyzyň taglymaty halkyň hakydasynda Magtymguly ýoly bolup galypdyr.

Garaşsyz, baky Bitaraplyk ýolumyz türkmen milletimiziň mähir-muhabbetinden, arzuw-telwasyndan, asylly

maksatlaryndan dörän, Altyn asyrda altyn ruhda, altyn ýaşaýyşda ýaşadýan ýoldur. Bu ýol türkmeniň bakylyk-dowamat ýoludyr.

Türkmende ýol sözüniň manysy kän.

Dünýäde ýol goýanlar taryha girýär, ýol ýitirenler il içinde hem näletlenýär.

Gyş. Agyr gar güpüläp düşýär. Irden turan öý eýesi ilki goňşusynyň mellegine çenli gary ardyp, ýol çeker. Soňra ojagydyr, tamdyryna çenli...

Ýollaryň ýagşysy hassa kişini soramaga alyp barýan ýoldur. Pygamberimiz aýtmyşlaýyn, hassa soramaga barýan wagtyň ömrüň umumy hasabyna urulmaýar.

Ýollaryň ýagşysy — ynsan kalbyna barýan ýoldur.

Ýollaryň ýagşysy — adalat, dostluk, doganlyk, parahatlyk ýoludyr.

Ýollaryň ýagşysy — halkyň ýoludyr.

Halkyň ýoly — Hakyň ýoludyr!

◈ ◈ ◈

Eziz türkmen milletim!

Oguz han Türkmenden, Gorkut atadan, Görogludan, Magtymguly atamyzdan bize türkmen ýoluny mukaddes tutmak wesýeti, türkmen milletiniň jebisligi, bitewiligi barada ençeme öwüt-ündewler galypdyr. Ol öwüt-ündewlere gulak assaň, milletiňe buýsanç, guwanç duýgusy kalbyňa dolýar.

Men ulus-ilimi mukaddes sanyp, topragymy keramat kibi görüp, Watanymy başyma täç eýledim.

Kim Watanyny depesinde täç eýlese, Watany hem ony başyna täç eýlär.

Ata-babalarymyz bu topragy keramat saýyp sežde kylyp, alnyna togap edipdirler. Bu toprakda mukaddeslige öwrülen ata-babalarymyzyň guburlary ýatyr.

Türkmeniň mele topragy onuň tamdyrdan çykan mele çöregi ýaly keramatlydyr, mähribandyr, mähremdir.

Bu toprak şeýle toprakdyr, munda yhlas bilen kesewini dikseň hem gögerýär.

Bu topraga atan her bir dänäň müň, iki müň, üç müň däne bolup gaýdyp gelýär.

Bu topragyň gursagyna atylan söz pähim-paýhas bolup gögerýär.

Bu topraga atylan ýaý oklary bu gün altyn başly bugdaý bolup ülpüldeýär.

Bu topraga ata-babalarymyzyň jesedi tohum kimin atylypdyr, ondan beýik Watana bolan çäksiz söýgümiz, buýsanjymyz, mukaddesligimiz hasyl bolupdyr.

Bu toprakda biziň yhlasymyz, söýgümiz, alyn derimiz — rysgal-bereket bolup türkmen saçagyna dolanýar.

Men ömrümi şu topragy söýmeden başladym, men şu topragyň goýnuna söýgi bolup hem dolanaryn.

Toprakdan beýik hiç hili mukaddeslik hem, keramat hem ýokdur!..

Türkmen — topragyňa bolan söýgüden başlanýar!..

Biz şu topragy söýüp, şu toprak üstünde birleşip türkmen atly millet bolandyrys.

Biz şu topragy keramat bilip, şu toprak üçin göreşip Türkmenistan atly ýurtly bolandyrys.

Türkmen halky agzybirlikden başlanýandyr.

Haýsy ýurt ösýän bolsa, şol ýurtda agzybirlik bardyr! Köp partiýalary, hereketleri milli bähbit, ýurt söýgüsi birleşdirýändir.

Haýsy maşgala agzybir bolsa, şol maşgala döwletlidir.

Haýsy oba agzybir bolsa, halky bagtyýardyr.

Türkmen «Hanly il — imanly il» diýýändir.

Hudaýa şükür, agzybir ýurdumyz bar, agzybir halkymyz bar. Biz şu agzybirligimiziň gadyryny bilmelidiris, ony goramalydyrys.

Agzybirlik öz-özünden bolmaýar, agzybirligi güýjüň, hökümiň permany bilen hem saklap bolmaýar. Eger biziň saýlap alan ýolumyz dürs bolmadyk bolanynda, wagyz-nesihat bilen, gije-gündiz öwüt bereniň bilen ýurtda agzybirligi bina edip bolmazdy. Biziň berkarar agzybirligimizde bäş ýarym milliondan gowrak halkymyzyň bähbidi bar, şol bähbit hem ähli halkymyzy bir ojak deý, bir saçak deý birleşdirip dur.

Biziň agzybirligimiziň mizemezligi — biziň saýlap alan ýolumyzyň hakyky türkmen ýoly bolup, şol ýolda milli bähbitlerimiziň, her bir adamyň şahsy bähbitleriniň gözbaşlary bar. Eger biziň saýlap alan ýolumyz ters bolanynda, her kim bir tarapa çekerdi.

Ýurt diýeniň ullakan gämi bolýar, her bir raýaty kürekçi. Her raýat bir tarapa kürek ursa, gämi ornundan gozganmaz! Eger ähli kürekçi bir başa bakyp, şonuň buýruşy boýunça agzybir, birsydyrgyn kürek ursalar, gämi çalt hem uzaklara gider. Biziň agzybirligimiziň belli bir bahasy ýokdur.

Biziň sekiz ýüz ýyllyk taryhdaky ata-babalarymyzyň ahmyr-armanlaryny amal edip, kuwwatly ýurt gurup, görlüp-eşidilmedik tizlikde ösüşe barýanlygymyz — biziň ählimiziň ädimi dürs, deň uryanlygymyzdyr. Türkmenistan — ýöne bir türkmen ýurdy, türkmen Watany bolman, tutuş raýatlarymyzyň, halkymyzyň, aramyzda ýaşap ýören doganlyk halklaryň beýik maksatlarynyň, arzuw-telwaslarynyň, hyruçlarynyň durmuşa geçýän ýurdudyr! Biziň ýurdumyzyň raýatlarynyň her biri şu gün düýnküden ep-esli baýandygyny görüp dur, ertir bu günküden ýene has baýajakdygyna ynanyp dur.

◈ ◈ ◈

Üç sany ýer urup, ýetim galan dogan bolupdyr. Olar günleriň bir güni çölde ýaraman ýatan goja duşýarlar, ony göterip öýlerine getirip däri-derman edip, ýerli-ýerden ugruna seredýärler. Görüp otursalar, ol üç dogany synap görmek islän ýagşyzada eken. Bir gün ýagşyzada olara özüni tanadýar, baýlyk baryny berýär. Ýigitler öýlenip öýli-illi, mally-hally bolýarlar. Gelinlerem, allanämemiş, günleri bal bilen ýag ýalymyş.

Günleriň bir güni üç dogan işe gideninde, ýagşyzada uly doganyň gelniniň ýanyna baryp:

— Gyzym, meniň müddetim doldy, men ýola gitmeli, näme gerek-ýaragyň bolsa dile — diýýär.

Uly gelin baýlyk, tylla-teňňe dileýär. Goja ikinji gelniň gapysyndan hem barýar. Olam:

— Gitseňiz, sag-aman baryň. Bize şu-şu baýlyklary berseňiz bolýar — diýen. Goja ýagşyzada onuň diýeninem bitirip, haltasyny göterip, kiçi gelniň öýüne barýar.

— Gyzym, meniň barmaly ýerim köp, näme baýlyk gerek bolsa, dile, men gitmeli — diýipdir.

— Atam, ozalky eden ýagşylyklaryňyza hem Alla ýalkasyn. Galsaňyz, didämiziň üstünde ornuňyz bar, gitseňiz hem sag-aman baryň... Bize beren baýlygyňyz bolýar, agzybirligi goýuň-da gidiberiň!

Ýagşyzada lampa özüni ýere goýberipdir:

— Haý, gyzym, men agzybirligi goýup, hanjak gideýin. Meniň bar baýlygymyň açary agzybirlik. Men ömürlik siziňkide galmaly boldum.

Köne türkmen rowaýaty — ýagşyzada häzir türkmen topragynda gögerip hasyl berip başlady. Ýadyňyza salyň, on sekizinji asyrda beýik Magtymguly türkmenleriň agzybirligini dikeltjek bolup, nähili gygyrdy, bagryny ýakdy, emma ony eşitmediler. Sebäbi türkmeniň başyny bir edip oturan serdary ýokdy! Bir tiräniň hany ikinji tiräniň hany bilen bir çukura tüýkürip birleşmegi üçin biriniň kiçirăk bolmagy gerekdi, emma, hany, kiçelip bilýän han?

Halkymyzyň, ýurdumyzyň agzybirligi haçan mizemez bolýar? Haçan biziň kalbymyzda, ruhumyzda döwlet agzybirligi doga kibi gaýtalanýan bolsa...

Serediň, biz beýik Eýran döwleti bilenem, özbek, gazak doganlarymyz bilenem, Owganystan bilenem dogan-dost bolup ýaşaýarys.

Sen, raýat, öňi bilen, goňşyň bilen, golaýyň bilen dogan bolup gatnaşmaly. Bir oba ikinji oba bilen, bir taýpa ikinji taýpa bilen, bir etrap ikinji etrap bilen, bir welaýat ikinji welaýat bilen doganlyk gatnaşygyny saklamalydyr.

Biziň agzybirligimiz her bir maşgaladan başlasa, mizemez bolar!

Agzybirlik — ojakdyr. Agzybirlik saçakdyr! Ojagyňyz keramatly, saçagyňyz halal bolsun!

Agzybirlik — döwletiň ambary, hazynasydyr! Hazyna halkyňky! Hazynasyny goramaýan halk özüni ýitirer.

Agzybirlik — ebedi türkmen milletiniň baş ýörelgesidir!

◈ ◈ ◈

Eziz türkmen!

Türkmen — seniň aňryň edermen halkdyr, edermenlik, batyrlyk — ata-babalarymyzyň tugy bolupdyr.

«Är ömri otuz ýaş» türkmeniň biten nakyly. Häli-şindi bolup durýan uruşlarda edermen ýigitler ölýär. Är ýigit är ykbalyna hem razy. Ol «Namartja olam, sagja olam» diýýäni duşmanyndan-da nejis görýär.

Edermen, batyr ýigitlere türkmen ummasyz uly sarpa goýupdyr.

Gorkut ata zamanalary är ýigitlere — däliler diýilýän eken. Däli Domrul, Däli Garçar. «Görogly» eposynda Däli Mätel, Harman Däli. Däli adyny göteren kişi — özüni watana bagyş eden kişi bolýan eken.

Serkerdeler ýigitlerine: «Eger duşmany ýeňeýin diýseňiz, eger diri galaýyn diýseňiz, söweşe girmezden burun ölümiňizi boýun almalydyr!» diýip, ündew eder ekenler. Serkerdeler mamla, ölümini boýun alan şirleriň öňünde duşmanyň basyp alyp, talaňçylyk etmäge gelen goşuny durup bilmeýär.

Bardy-geldi söweşde namartlyk etdimi, ol ýigide tamdyr külüni artdyrypdyrlar, başyna ýaglyk daňyp oba-oba aýlapdyrlar. Göroglyny ýada salyň, ol bir söweşde namartlyk

eden Weli Hyrtman daga: «Başyňyzda elwan leçek» (ýaglyk) diýýändir. Jelaleddini ýada salyň: Yspyhan söweşinde Jelaleddiniň goşunynyň bir ganaty mongollary ýeňýär, beýleki ganaty ýeňilýär. Sebäbi şol tarapda söweşýän hanlaryň käbiri gaçýar. Söweşden soň Jelaleddin söweşden gaçanlaryň ählisiniň başyna aýal ýaglygyny daňdyryp, Yspyhana aýlapdyr... Onsoň türkmende namartlyk eden bolmaz! Şonuň üçinem ata-babalarymyz: «Ölümden aňyrda näme bar?» diýlip soralsa, «Namartlyk bardyr» diýipdirler Şu gün millet bolup her bir türkmeniň işinde, durmuşynda, pähiminde, paýhasynda uly mertlik bolmalydyr. Kynçylyklary ýeňmegi başarýan, özüni özi ykrar edýän türkmen bolmalydyr, şonda biz dünýä jemgyýetleriniň arasynda öz ornumyzy taparys.

Gahrymançylygy durmuşynyň mazmunyna öwren halk edermen bolar!

Watany mukaddeslige göterip, watan üçin ölen ýigidiň ölmez-ýitmez bolýandygyna bütin durky bilen ynanan halk nädip edermen bolmasyn!

Dört-bäş ýaşynda tez bedewe münüp, çagalykdan ýarag ulanmany öwrenip, söweş tälimini alan ýigit nädip edermen bolmasyn!

Okaýan kitaplary, eşidýän dessanlary, diňleýän gep-gürrüňleri watan hem edermenlik barada bolsa, nädip halkymyz edermen bolmasyn!

«Görogly» eposynda Balybegiň weziri soltanyna: «Soltanym, türkmeni gul etjek bolsaňyz, şuňa düşüniň, ony, öňi bilen, bedew atyndan düşüriň» diýýändir.

Duşman ahyry oňa düşündi.

Geçen asyryň aýagynda türkmeni bedew atyndan düşürdiler...

◈ ◈ ◈

Eziz türkmen milletim!

Türkmen halky jepakeş halkdyr.

Türkmenistanyň üstünden uçarly uçup görmedigiňiz ýokdur. Bürgüt beýiklikden ýurdumyzyň üstünden uçsaň görýärsiň: haýsy tarapa seretseň gadym-gadym zamanlarda gurlup, gadym zamanlarda ýykylan şäherleriň sany hem ýok, sajagy hem.

Ýokardan seretseň, dünýä ekin meýdanlary bolup ýatyr. Niräňe garasaň nobur, nowhana, ene ýap, ýap.

Biz häzir türkmen topragynyň iki million gektaryna golaýyny özleşdirip ekin ekýäris. Emma ata-babalarymyz ol topragyň ähli ýerini özleşdirip, ekin ekipdir. Kesearkaçda, Balkan degresinde, Dehistanda, Misserianda, Hawaran düzlüginde, Merwde, Amulda, Ürgençde, Etrek-Gürgende... çekilen noburlar, nowhanalar, ene ýaplar, uly ýaplar tutuş ýurdumyzyň jan damarlary ýaly ýurduň endam-janynda eriş-argaç. Ol ene ýaplar türkmeniň ýaşaýşa bolan söýgüsi, türkmen jepakeşliginiň alamatydyr.

Türkmen topragynda — Dehistanda, Misserianda, Ahalda, Garagumda, Lebap ýakasynyň çöllerinde çuňlugy iki ýüz, üç ýüz metre barýan çuňňur guýular bar. Olaryň hemmesi diýen ýaly şu gün hem bol suwuny ilatymyza bagyş edip durlar.

Häzirki döwürdäki ýaly mümkinçilikleriň ýok mahaly ata-babalarymyz akyp duran ürgün çägäniň gösünden guýy gazyp, ojardan, gandymdan, sözenden çöwlük örüp ýeriň çeşmesine baryp bilipdirler. Ol guýular şeýle bir çuň, şeýle bir çuň, olar hut Ýeriň ýüregine baryp ýetýärler. Türkmen ol guýulara ýyldyzboýly guýular diýip at berýär.


Шу гүн Туркменистан гарашсыз довлет болан-
бендан соң хем түре-
тайна гатнашыклара
үчүнем Туркмен
милләтиниң агзыбир-
ликне зорлук етирдир.
Мен мәдәният хакы-
на гүзелледим:
— Бүтев Туркмен
милләти — дөредиҗи
диңе милләтиң бәхбәди
диңе милләтиң агзыбир-
диңе милләтиң бүтев-
лиги болмалыдыр —
лиги гарашсыз.

XXI ASYR - TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY

Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynyň golýazmasyndan nusga

Ynha, türkmen milletiniň ýaşaýşa bolan söýgüsi!

Türkmen topragynyň ýüzden togsan böleginiň çölüstandygyny ýatlasak, türkmen halkynyň abadan ýaşaýşy üçin näçe müň guýy gerek bolandygyna göz ýetirmek kyn däldir. Şonça guýyny hem ata-babalarymyz gazypdyr, sebäbi olar parahat ýaşaýşa ummasyz uly baha kesipdirler. Çölüň jümmüşinde gabat gelýän takyrlarda toplanan suwy ýörite guýy gazyp, arly gyş ýygnap, arly tomus şol suw bilen mydar edipdirler. Olara sardobalar diýilýär. Çölde duşýan sansyz oýtak takyrlara gawun-garpyz, künji, mäş ýaly ekinler ekipdirler. Düme bugdaý ekip, galla hasylyny alypdyrlar! Uly-uly gardanlar gazyp, gyş gar ýaganynda garlary tokgalap-tokgalap gardanlara basyp, demrikdirip-demrikdirip üstüni çöp-çalam, onuň üstünem bir-iki metr galyňlykda gum bilen basyryp, tomusda gar suwuny ýaşaýyş şerbeti hökmünde içipdirler.

Uzynlygy birnäçe kilometre ýetýän käriz gazyp, gara dagyň astyna nagym — tunnel çekip, dag astynda ýatan bal ýaly suwy ekin meýdanlaryna akdyrypdyrlar. Käriz örän çylşyrymly suwaryş desgasy.

Kärizgenler birnäçe kilometr alyslykdan dagyň aşagyna garşy nagym gazyp başlaýarlar. Her otuz-kyrk metrden guýy gazyp, köwden çykýan daşy-gumy nowa bilen daşaryk çekýärler. Şol guýularyň başynda dag ýaly üýşüp duran gumy göreniňde, ata-babalarymyzyň durmuşy nä derejede söýendigine göz ýetirmek bolýar.

Ýalaňaç, köse, üsti ygalsyz, çaý-çeşmesi az bolan daglardan ata-babalarymyz durnagöz suwy ekin meýdanyna akdyrypdyrlar.

Eger türkmeniň bäş müň ýylda guran taryhy şäherlerini hyýalyňda dikläp bolsady, onda şol geçen möwsümde onuň guran şäherleri dünýäniň ähli ýerini doldurardy.

◈ ◈ ◈

Adamyň esasy synasy — göwresi, ýüregi hem akylydyr. Milletiňem öz göwresi, ýüregi hem akyly bolýar. Göwresi — maddy medeniýeti; ýüregi — dili, sazy; onuň akyly bolsa — milletiň pelsepesidir hem aňyýetidir.

Türkmen asyrlarboýy diliniň, sazynyň hem döwre guramasynyň arassalygyny, özboluşlylygyny saklamagy başarypdyr. Munuň aňyrsynda onuň milli buýsanjy — özüne göwni ýetmesi bar. Hut şonuň üçinem, tas müň ýyl mundan ozal ýazylan eserleri-de arkaýyn okap oturmaly. Hoja Ahmet Ýasawynyň, Ýunus Emräniň, Nowaýynyň, Nesiminiň, Fizulynyň eserlerini ýa-da «Gorkut ata» eposyny okanyňda türkmen ruhunyň baýlygy buýsandyrýar. Diliň arassalygyny saklamak nesilleriň arasyndaky üznüksizligi üpjün edýär we milletiň ömrüni uzaldýar. Sowet döwründe biziň dilimize gerekmejek sözleri salmaga synanyşdylar. Garaşsyzlygyň ilkinji aýlaryndan başlap, türkmen diliniň şireliliginiň, many goýazylygynyň, duýgy örüsiniň artyp ugrandygy tötänleýin zat däldir. Garaşsyzlyk türkmen dilini ýasamalykdan, dar galypdan halas etdi. Garaşsyzlyk diňe bir türkmen halkyna däl, eýsem türkmen diline-de azatlyk berdi.

Biz, mundan beýläk-de dilimiziň arassalygyny saklamalydyrys. Elbetde, halkara adalgalary bolar. Ýöne türkmençe berip bolýan düşünjeleri olaryň dilimize ýat, gelişmeýän galyby bilen almaly däldiris.

Diliň arassalygy hem sagdynlygy pikiriň saplygyndan hem sagdynlygyndan nyşandyr. Milletiň pikirleniş örüsi giňände, onuň dili hem baýlaşýar.

Türkmen milli sazy — milletiň kalbynyň owazy. Türkmen sazynyň arassalygynyň, özboluşlylygynyň hem hiç bir özge halkyňka meňzemeýänligini dünýä ykrar edýär. Türkmen sazy çuňňur pelsepä ýugrulanlygy bilen tapawutlanýar. Şol häsiýet onuň many goýazylygyna eýe bolmagyna getiripdir. Umuman, söz sungaty — edebiýat bilen bilelikde saz sungaty türkmeniň esasy milli genisiniň ýüze çykýan ugrudyr. Türkmen dutarynyň owazy bu milletiň döredijilik paýhasynyň gaty aňyrdanlygynyň gözli şaýadydyr.

Türkmeni beýleki halklardan tapawutlandyrýan esasy zatlaryň biri-de, onuň dine garaýşy hem gatnaşygydyr. Diniň iň güýjäp, möwç uran asyrlarynda-da biziň milletimiz dine garaýşyny şol durkunda saklapdyr. Munuň düýp sebäbi türkmeniň zandynda, ýasawynda bar bolan dünýewilikdendir. Ol hemişe hakyky durmuşy hem onuň rüstem kanunalaýyklyklaryny esasy orunda goýupdyr. Ol hatda yslamy kabul edende hem özboluşly kabul edipdir. Yslamyň baş ýörelgelerine dil ýetirmezden, olary gyşartmazdan hem bozmazdan, türkmen özüniň yslamdan öňki ynançlaryny, käbir däplerini bir ýandan goýman gelipdir. Bu-da onuň millet hökmündäki ömrüne ömür goşupdyr, çünki onuň özenini bir durkuny saklamagyny üpjün edipdir.

Türkmeniň dünýewi milli häsiýeti onuň taryhy ýaşaýşynyň geň galdyryjy demokratizmi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Synpy aratapawutlaryna seretmezden, möhüm syýasy we gaýry meseleler çözülende baýyň-garybyň deňhukuklylygy, maslahatda baýlardyr garamaýaklaryň arasynda biri-birinden daşda durmak ýa-da gönükýetmezçilik

meýilleriniň ýoklugy, aýal-gyzlaryň erkinligi hem maşgala, hatda jemgyýetçilik durmuşynda işjeňligi — bularyň bary din babatda türkmeniň köre-kör ynançly bolmazlygyna getirýär. Türkmen jemgyýetinde ruhanylar aýratyn bir gatlak bolup ýaşamandyrlar. Olar, köplenç, halkyň maksatly ruhy hajatlaryna — azan aýtmak, nika gyýmak, jynaza çykmak we ş.m.-ler — hyzmat edipdirler. Mundan başga-da, dini sowatlylyk umumy bilimleri ýaýratmak üçin uly ähmiýetli bolupdyr. Emma dini syýasy göreşiň serişdesine, baknalygyň guralyna öwürmek hiç kimiň kellesine-de gelmändir. Din türkmende hemişe şahsy ynanjy berkitmegiň hem adamkärçilik sypatlaryny terbiýelemegiň usuly bolupdyr.

◈ ◈ ◈

Ygally, boz toprakly demirgazyk ýurtlarynda, esasan, mymyk ösümlikler ösýär, emma howasy yssy, gurak Gündogarda ähli ösümlikler diýen ýaly tikenlidir.

Ygally, boz toprakly Demirgazykda ir-iýmişler turşy, hatda gawuna-da şeker sepip iýmeli, tersine, yssy, gurak Gündogarda ähli miweler bal ýaly.

Ygally, boz toprakly Demirgazykda zäherli janly-jandar gaty seýrek, emma yssy hem gurak Gündogarda awuly jandaryň hetdi-hasaby ýok.

Çölüň çägesine çümüp-çykyp ýaşap ýören gömülgen çakan adamyny lukmana ýetirmeýär, suwda ýaşap ýören ýylanyň awusyny weli ýyllar, asyrlar suw bilen ýuwup aýryp goýberipdir.

Türkmen topragynyň gudraty bar. Ata-babalarymyz dünýäniň gözel-gözel ýerlerini basyp alan-da bolsalar, gözellige ýa-da ymgyr köp lagly-göwhere, baýlyga göz

gyzdyryp basyp alan ýerlerinde ýurt tutunaýmandyrlar. Ýogsam dünýäniň iň owadan, iň baý ýerinde mesgen-ýurt tutunjak diýselerem han özleri, soltan özleri bolupdyr. Ýöne biziň pederlerimiz nirä ýöriş etseler-de, olja-baýlyga eýe bolsalar-da, ahyry ýene ýakyp-ýandyryp barýan yssy ýurduna dolanypdyrlar. Bu toprak üçin döş gerip göreşipdirler, gorapdyrlar. Bu toprakda ajy alyn derini saçyp, bol bereket öndüripdirler.

Taryhymyzy çuň öwrenmäge biz Garaşsyzlyk ýyllary mümkinçilik tapdyk. Diňe bir geçmiş taryhymyzy däl, bize indi ekerançylyk taryhymyzy öwrenmäge-de mümkinçilik döredi. Men ekerançylyk taryhymyz bilen gyzyklandym welin, şonda gaty üýtgeşik taryhy maglumatlaryň üstünden bardym, ata-babalarymyzyň bu topragy jigerine deňemesiniň sebäbine şonda düşünip galdym.

Taryhy maglumatlar maňa ak bugdaýyň ilkinji watanynyň Türkmenistandygyny düşündirdi. Bäş müň ýyl mundan ozal Änewiň düzlüginde ýetişdirilen ak bugdaýyň tohumy tapylan bolsa, biz «Türkmenistan — ak bugdaýyň Watany!» diýip, arkaýyn aýdyp bileris.

Oguz han türkmen topragynyň bagy-bossanlyk bolmagyny isläpdir. Ol her esgere söweşden öň nahal ekdiripdir. Nahal ekmedik esger ýörişe äkidilmändir. Oguz han döwründe biziň ata-babalarymyz dag eteklerine, Bäherden taraplaryna, Durun taraplaryna ýazlamaga geler ekenler, ol ýerler biziň halkymyzyň oturymly ýerleridir. Dagdaky arçalary çapmak günä hasaplanypdyr. Ýöne geçen asyrda bu ýere demir ýoluny çekjek bolanlarynda sypaly uzak ýerden getirjek bolup durmandyrlar. Käbir ýerli hannaslaryň pul bilen gözlerini güýdüşdirip, dagdan sypallyk agaç getirdipdirler. Şondan

soňam Köpetdagyň äpet-äpet arçalary satuwa düşüp, towsa göterilipdir.

Biziň ilata tebigy gazy mugt berýändigimiziň, «Gök guşak» syýasatymyzyň durmuşa geçirilmegi netijesinde, türkmen topragynyň ata-babalarymyzyň döwründäki gözelligine, bereketine eýe boljakdygyna berk ynanýaryn, guwanýaryn. Türkmen topragynyň ata-babalarymyzyň döwründäki gözelligine, bereketine diýenimde men nämeleri göz öňünde tutýaryn. Gysgaça aýdanymda, men biziň eýýamymyzdan öňki I asyrda ýaşap geçen ýunan alymy Diodaryň, biziň eýýamymyzyň I asyrynda ýaşan Strabonyň ýazgylaryndaky tebigat gözelliklerini we bereketini göz öňünde tutýaryn. Ine, olaryň galdyran ýazgylaryndan iki bölek mysal: «Aleksandr (Makedonskiý) Girkaniýanyň ähli şäherlerini basyp almak bilen, «Bagtly ilat» diýilýän ýere ýetdi. Dünýäniň hiç bir ýurdy özüniň baýlygy hem-de täsin miweleri bilen oňa taý gelip bilmez. Girkaniýa köp şäherli, gaty uly, mes toprakly düzlük ýurt. Bir düýp üzümiň hasyllylygy 450 kilograma, injiriňki 3 tonna barabar bolýar. Orak wagty ýere dökülýän däneler bolsa geljek ýylyň bol hasylynyň düýbüni tutmaga bolelin ýetýär. Ol ýerde dub agajyna meňzeş daragt bar. Onuň ýapraklaryndan bala meňzeş suwuklyk akýar. Ýerli ilat ony iýmit üçin peýdalanýar. Tokaýlarda balçylyk bilen meşgullanýarlar».

«Çöller bilen gurşalan oazis Marg deryasy bilen suwarylýar. Margiananyň ýerleri örän täsin. Ol ýerde bitýän üzümler örän ajaýyp, olaryň her hoşasy iki tirsek boýuna çenli ýetýär. Bu üýtgeşik mes toprakly oazisi goramak üçin Antioha, Söter onuň daşyna ini 5,2 metr bolan, uzynlygy 250 kilometre ýetýän beýik haýat aýlady».

Ol haýat ýene bolar, ýöne ol indi palçykdan däl-de, göm-gök öwüsýän daragtlardan bolar.

Türkmeniň tebigat, ýaşaýan tebigy giňişligi bilen arabaglanyşygynyň täsin aýratynlyklary bar. Türkmeniň ruhy hem maddy medeniýeti onuň ýaşaýan tebigat giňişliginden reňk alypdyr. Türkmen hemişe tebigatyň goýnunda, öz ruhy hem maddy medeniýetiniň jümmüşinde ýaşapdyr. Türkmen taryhynyň durnuklylygyny, türkmen ýaşaýşynyň taryhy gözelligini bir zatda görýärin: biziň milletimiz öz ýaşaýşyny tebigata garşylyk görkezmek, onuň garşysyna çykmak usulynda däl-de, tebigat bilen sazlaşyk esasynda gurnapdyr. Tebigat bilen garşydaş däl-de, hyzmatdaş bolup ýaşaýan milletiň taryhy ömri bolsa, edil tebigatyň özi ýaly uzak hem hasylly bolýar. «Oguznamalary» alyp görüň, ýa bolmasa, «Gorkut atany» ýada «Göroglyny» okap görüň: tebigat bilen şeýle näzik, mährem gatnaşyklary görersiňiz. Bu ataly ogluň gatnaşyklaryny ýada salýar. Megerem, şonuň üçin türkmen milleti watanyna «ata Watan» diýip ýüzlenýändir. Şeýle gatnaşyk türkmen ruhuna özge ýerde duş gelmeýän tebigylygy hem sagdynlygy, ruhubelentligi hem gözelligi çaýýar. Şu ýerde «Gorkut atanyň» gahrymanlarynyň çaýlara, sähralara gatnaşygy, Göroglynyň daglara bolan üýtgeşik sarpasy hem mähri ýadyňa düşýär. Türkmeniň milli aýratynlygynyň mähek daşy bolan tebigylyk, ýüz görmezlik, gönümellik hem şundan gelip çykýar.

Türkmen tebigaty — türkmen milletiniň gönezligidir.

Türkmen tebigaty — türkmeniň ruhy dünýäsine düşünmegiň iň ilkinji hem esasy açarydyr.

Türkmen tebigaty — türkmen milletiniň ruhy diliniň harplygydyr.

Türkmende geýim-gejim, milli egin-eşik — biziň milletimiziň diňe daşky görnüşi däl, ol tebigat bilen hem baglydyr. Türkmeniň milli geýim-gejimi başga zatlary hem ýerine ýetirýär. Türkmenistan yssy ýurt. Türkmeniň dabara bilen gelýän reňdar, hoşboý ysly, örän owadan ýazynyň ömri gaty gysga. Bir-iki aý. Ýylyň galan pursaty maýsasy samana aýlanan sähra sary gussa, sary tukatlyk bolup ýatyr. Şol sebäplem türkmen gelin-gyzlary ýazyň ýiti, açyk-ýaşyl, gyzyl, al, melewşe, gök reňklerinden bolan geýim-gejimleri geýýär. Şeýdibem, türkmen gelin-gyzlary türkmeniň gysgajyk ýazyny ýyl boýy dowam etdirýär. Türkmen özi üçin öndürýän keteni, begres, daraýy, gyrmyzy donluk, çäkmenlik matalary dokamagy şeýle bir kämil derejä ýetiripdir weli, hatda ýigriminji asyryň ösen dokma senagaty hem olaryň milli geýimlerini çalyşdyrar ýaly kämil matany öndürip bilmedi.

Türkmen ýigitleriniň geýýän toý geýimleri hem ýazyň reňkinde. Söweş güni türkmen ýigitleri mele çäkmenli, mele silkmeli. Türkmen kazylyk atlary hem mele bolýar. Ol reňkdäki geýim-gejimler bolsa, tebigatyň reňki bilen dessine garyşyp gidýär. Jahankeşdeleriň türkmen ýigitleriniň söweş usuly barada: «Olar hamana ýerden çykan ýaly birden peýda bolýarlar, gerek wagty hem ýere giren ýaly zym-zyýat bolýarlar» diýip ýazmasynyň syry nirede eken.

Ýurdumyza sapar eden jahankeşdeler türkmenleriň gapysyndaky atyny ýylboýy seýisde saklaýandygyny ýazypdyrlar, haýran galmaly ýeri, türkmen ýigitleriniň özlerem ýylboýy seýisde. Orta Aziýanyň halklaryndan tapawutlylykda, halkymyzyň daýhanam, çarwasam etçil däl. Etem gowurdak-gowurma edýär. Gowurdakdan nahar taýynlamak gaty aňsat, üstesine-de zaýa boljak gümany ýok! Türkmeniňki çörek, çal, gök-önüm, bakja. Türkmen iýmitiniň esasy bölegi bolan

türkmen çöregini — halkymyz ýokary kämillik derejesine çenli ýetiripdir. Huruş gerek däl, türkmen çöreginiň hurşy özünde. Atyna ýaz aýy hem maýsany guradyp berşi ýaly, türkmen bugdaý çöregini suwy gidensoň iýýär. Düýe çalyny, süzme çalyny atyna-da içirýär, özem içýär. Netijede, ýylboýy özem seýis, atam!

Türkmen golaýda söweş boljagy ýa üç-dört günden söweşe ugraljagy mälim bolan gününden ozalky iýýäninem iýmeýär. Özüni eredilen ak ýaga tutýar. Türkmen üç-dört günde artykmaç etini taşlaýar, çuslanýar. Onuň aty üçin mydama duza ýatyrylan logalasy bar. Goýnuň guýruk ýagy duza ýatyrylyp logala edilýär. Söweşe çykjak türkmen atyna şonuň bir-iki bölegini iýdirýär. Söweş uzaga çekse, gaçha-kow bolsa, söweşiji egläge-de logalany atynyň agzyna tutýar, at jylawdalygyna garamazdan, ony iýip bilýär. Soň ol iki gün, üç gün suw bolmasa-da, söweş tabyny ýitirmeýär. Häzirem çopanlarymyz tomsuň yssysynda guşluk wagtlary ýarty şa käse ergin ýagy içer, bolany, tä agşam howa özüni goýberýänçe ajykmazam, suwsamazam!

Türkmeniň aýratyn biçüwde tikýän çäkmenleri, gyrmyzy donlary türkmeni daýaw, berdaşly, eginlek görkezýär.

Silkme telpek, uly aýal börükleri yssydan goraýar.

Şular ýaly ululy-kiçili onlarça milli aýratynlyklarymyz türkmeni türkmen edýär.

◈ ◈ ◈

Geçmişde türkmen topragy, halky babatda iş ýazanlaryň bir bölegi jahankeşdeler, ýeneki bir bölegem türkmeniň içinde bäş-üç aý dürli sebäplere görä ýaşap görenler, şol sebäplem

taryhy işleriň birenteginde usulýete üns berlip, mazmun tapylan, ýagny türkmeniň daş görnüşine seredilip, içine baha berlen... Başy gaba silkmeli, eginlerini giň görkezýän çäkmenli, gara ädikli, bili ykjam guşalan, ýas-patadan başga ýerde ýaragyny ýanyndan goýmaýan türkmenler babatda: galtaman, kellekeser, garakçy, ýolda oturyp ýol urýan, talaňçy ýaly netije çykarýarlar. Aslynda weli, düýbünden tersine: türkmen halkynyň kalby halysy ýaly owadan, ketenisi ýaly nurana, sazy ýaly inçeden duýgudar, tebigaty ýaly sada.

Türkmen gadym-gadym zamanlardan bäri gapysy gulpsuz halk, onuň kalbynda-da gulp ýok. Gözüne seretseň, iki dünýäsem görnüp duran çeşme ýaly päkize, asman ýaly arassa kalply halkymyz bar.

Hudaýa ýüz müň şükür, dowamy bolsun!

Türkmene haram ýokmaz.

Türkmen halal bilen harama mizemez serhet çeken halkdyr.

Türkmen zor bilen almaz, sebäbi ejiziň arkasynda Alla dur diýen pikire uýýar.

Ol goýmadygyny götermeýär.

Ir zaman ogulsyz-gyzsyz är-aýal Mekgä haja gidermen bolupdyr, ýöne bütin ömürlerine ýygnanja iki ýüz tyllasyny näderini bilmän kösenipdirler. Ahyry olar iki ýüz tyllasynyň ýaryny düwünçege düwüp, saýry goňşusyna, beýleki ýaryny türkmen goňşusyna eltip berýärler. Türkmen goňşusy:

Hol tördäki sandygy aç-da, goýaý — diýipdir.

Är-aýal sag-salamat haja gidip gelip, amanadyny sorap barýar. Saýry goňşusy:

— Goňşy, puluňy ulandym, ynha, ýüz tyllaňy ýüz elli tylla etdim, özüm hem birneme gördüm — diýipdir. Soň ol türkmen goňşusynyňka baryp, tyllasyny soraýar.

— Hol tördäki sandygy aç, atan ýeriňde ýatandyr!

Durmuş bi: ähli zat özüňden bitmeýär. Şonda türkmen goňşy-golamyndan bir zat alyp, wagtlaýyn ulansa, özüniňkiden has gowy seredýär. Birden ulanyp durka bozulaýsa, ýerine bazardan başgasyny alyp berýär, özem gaty uzur soraýar.

Amanady aýa, eýesi başgadyr!

Halal we haram yslam dininde hem esasy ölçegdir. Halala hem harama degişli närseler başdan-aýaga işlenip, kemi-kösti goýulmandyr, emma türkmen yslamdan daşgaram, halala hem harama öz garaýşyny salýar.

Türkmen milleti halaly halaýar. Şonuň üçinem, ol haram iýmez, çaga-çugasyna-da haram iýdirmez, ol munuň bu gün çykmasa ertir, ertir çykmasa ýedi puşduňa çenli hökman çykjagyny bilipdir.

Biriniň zadyny ogurlap iýseň, bir öwrümde eýesine şol zadyny gaýtaryp, onuň yrzalygyny alyp bolýar, emma döwletiň, halkyň zadyny iýseň, ony nädip gaýtararsyň?

Haram iýmek — iki egniň etinden çekeläp iýmek bilen barabar!

Türkmeniň ýekinde ýigrendigi haram! Halal halkymyz halal ýaşasyn!

Türkmen saçagy deý halal bolsun!

Halallyk türkmeni arşa göterer!

Türkmeniň ýoly halal ýoldur!

◈ ◈ ◈

Gözüm ýagşysyn görsün!

Ýaman özün görkezer!..

Bir danadan sorapdyrlar:

— Dünýä nireden başlaýar?

— Iki garagyňdan — diýip, dana jogap beripdir.

Janly-jandara, ynsan-u-haýwana Allatagala göz beripdir. Göz görmeli! Gözüň borjy görmek, emma nämäni görýärsiň, nähili görýärsiň? — Ine, şu taýda dünýäniň, durmuşyň iň uly pelsepesi ýatyr.

Biri süýde siňe seredip gan görýär, ýene biri gana siňe seredip süýt görýär!

Biri oda siňe seredip, dünýäniň gözbaşyny görýär, ýene biri oda siňe seredip dünýäniň gutarşyny görýär!

Bir zat aýan: dünýä, adamzada, ýaşaýşa diňe Allatagalanyň nazary bilen seretmeli! Emma Allatagalany gören-bilen, oňa akyl ýetiren ýok, şonuň üçinem Allatagalanyň kalbyňa salan ynsaby-imany bilen seretmeli!

Türkmen adam hakda aňsat-aňsat ýaramaz söz aýtmaz. «Kemi bar adamyň, artykmaç ýerem bardyr» diýer. «Allanyň ýaradan bendesi, hiç bolmanda sençe-mençe bardyr» diýer.

Mälik şadan sorapdyrlar:

— Sen şeýle mylaýym, adamyň jany ýaly, seniň ýanyňa girenler, Hudaýdanam, sendenem hoş bolup gidýärler. Seniň gaharlanan wagtyňy, gaşyňy çytan wagtyňy, birine azgyrylan wagtyňy gören ýok. Nädip beýle gowy bolup bolýar?

— Meniň göwnümiň islän zady bolup dur, pyşyrdym bitip durka damak ýyrtmak nämä gerek! Islendik adam meniň

huzuryma gelende, kalbyndaky dowuldan sandyrap dur, gürrüň çepine düşse, başyny aldyryp biljegime, gürrüň rast düşse, ýalkap biljegime gözi ýetip dur. Haýbat etmesizden gorkup duran adama haýbat atmak nämä gerek? Olar meniň huzuryma girmezden ozal gije-gündiz Allatagaladan meniň kalbyma gowulyk salmagyny dileg edýärler. Alladan dilejek zadyny meniň bermegimi isleýärler. Ol meni Allanyň ýerdäki wekili diýip ýanyma gelýär. Ýeri, onsoň men oňa Allanyň ýerdäki wekili ýaramaz adam eken diýdirmelimi? — diýip, Mälik şa jogap berenmiş.

◈ ◈ ◈

Dünýäde müňde-bir hormatly dereje, mertebe görkezýän atlar, derejeler bar: zähmet gahrymany, ussat aýdymçy, halk ýazyjysy... Bulardan başga-da, döwletiň, ýurduň öňünde bitiren hyzmatlary üçin berilýän ýüzlerçe orden-medallar bar, dünýäde gowy adamlygy üçin berilýän orden-medal, hormatly dereje ýok. Emma şol indi türkmende bar.

Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiz Oguz han mekdebine, beýik ynsanperwerlige sarpa goýup, bir ädim aňryk süýşdi. «Il ýaşulusy» diýen beýik mertebeli at döretdi. Adamyň asylly sypatlaryna hem baha-sylag bermegiň, hatyralamagyň wagty ýetdi.

◈ ◈ ◈

Türkmen dönügi ähli zatdan nejis görýär, iň soňky peslik hasaplaýar. Dönüge lagnat daşyny atýar.

Türkmen halky müň ýyl bäri dönüge lagnat daşyny atyp gelýär!..



Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynyň golýazmasyndan nusga

Gökdepe urşuna gatnaşan daşary ýurtlular, gyrgynçylygyň onlarça harby serkerdeleri bu söweşiň taryhy, umuman, türkmen topragy barada ýazan senenamalarynda, ähli dil birikdiren ýaly, türkmende ýeke dönügiň hem bolmandygyny, dönük beýlede dursun, ýol salgy alar ýaly, on ýedinji derejeli maglumaty alar ýaly adamy hem tapyp bilmändiklerini, watana, ýurda gezek gelende türkmende pul, altyn diýilýän zatlaryň gymmatynyň ýokdugyny dogruçyllyk bilen beýan edipdirler. Arassa türkmen ganly adamlaryň dönüklik etmeýändigine halkymyz asyrlarboýy ynanyp, göz ýetirip gelýär. Ýöne ilçilik, nebis, ejizlik sebäpli watan satan adamlar bolmandyr diýmek bolmaz. Gökdepe urşunda-da birlän-ikilän dönük tapylypdyr. Ors patyşasyna satylyp, dönükligi, satlyklygy üçin halat-serpaý geýip, ata Watanyna, türkmen halkyna dönüklik edenleri biz ýaşyramzok. Olary hem kysmat aýylganç tutdy. Men hakykaty sizden ýaşyrmak islämok, eziz milletim. Durmuşymyzdaky, taryhymyzdaky her bir hakykaty takyklygy bilen bilmegiňizi isleýärin.

Ata Watanyna dönüklik eden kişä biziň aramyzda orun-ojak bolmasyn!

◈ ◈ ◈

Türkmen mydama-da erkanalygyny, namys-aryny gorap geldi, bu oňa ýeňil düşmedi, hut geçen asyryň özünde ol iki ýola Garrygala urşuny, Merw, Sarahs, Balkan, Ýolöten uruşlaryny başdan geçirdi. Türkmenabat bilen Daşoguzda bolan sansyz uruşlar sowet eýýamynda halkdan ýygşyryldy. Umuman, türkmen halky ýaly sansyz urşy başdan geçiren başga halk ýokdur, men muňa gaty ynanýaryn! Ylahym, indi hiç mahal uruş bolmasyn!

Erkanalygyny goran türkmen ýurdunda uruş adaty ýagdaýdy. Şol sebäplem türkmen edebiýatynyň genji-hazynalary bolan «Gorkut atanyň kitaby», «Görogly», «Döwletýar» eposlary, «Ýusup-Ahmet» dessany, Ýunus Emräniň, Garajaoglanyň, Burhanetdin Siwaslynyň, Baýram hanyň, Abdyrahym hanyň, Şabendäniň, Andalybyň, Magrupynyň, Magtymgulynyň, Seýdiniň, Zeliliniň, Mollanepesiň, Keminäniň, Mätäjiniň ähli eserleri türkmeniň ýanyp duran watanparazlygy, merdi-merdanalygy, edermenligi, gahrymançylygy baradaky eserlerdir. Haýran galmaly ýeri, men olaryň ýekejesinde-de dönük diýen söze duşmadym, dönügiň köteklenişine-de duşmadym. Ýok, aslynda dönük hakda ýeke söz hem ýok. Ol eserlerde namartlyk tankytlanýar, gorkaklyk köteklenýär, emma dönüklik barada weli, ýeke setir ýok! Ýene bir bellemeli zat: ýaňky sanan edebiýatymyz kitaphanalarda duran edebiýat däl, olar janly edebiýat. Bagşylar her toýda-üýşmeleňlerde şol eserleri aýdyma öwrüp, halkyň arasynda ýaşadyp ýör.

Biziň edebiýatymyz janly edebiýat, ganatly edebiýat, ol gije-gündiz aýdym bolup, dessan bolup halkyň gulagynda ýaňlanyp duran edebiýat, beýle edebiýaty bolan halkdan dönük çykmaly hem däl!

Dönük ýasama söz, özem türkmende ýeke-täk manydaş sözi bolmadyk söz!

Mertlik, watanparazlyk sözleriniň onlarça manydaş sözleri bar!

Türkmende türkmen ysy, erkek tüýi bolan adam namartlyk edip hem bilmeli däl, sebäbi türkmen jemgyýetiniň gurluşy şony talap edýär. Çingiz handan soň her taýpa, her tire giň türkmen topragynyň bir ýerini mesgen tutup, şol ýerde ýaşap, dökülen duşmany kül-peýekun edip ýaşapdyr. Eger duşman

çakdan agyr bolsa, goňşy taýpadyr tireleri kömege çagyrypdyrlar. Uruşlar bir hepde, aňry gitse bir aýa çekipdir. Uruş merdi-namardy aýyl-saýyl edipdir. Sen uruşda namartlyk etseň, nädip obaňda ýaşajak, nädip eneň-ataň ýüzüne garajak, nädip söwer ýaryň ýüzüne bakjak, nädip il içine çykjak?..

Masgaraçylykdan gaçyp, başga oba gitseň, ol oba seni kabul edäýmeýär: baran obaň seni öwrenýär, sen ogrumy, gan edip geldiňmi ýa uruşda namartlyk etdiňmi? Bu zatlaryň änigine-şänigine ýetmän, seni oba garşy almaýar! Haýsy oba barsaň hem şeýle! Masgaraçylykdan gaçyp gitmäge ýer ýok. Ölseň hem seni adam şekilli jaýlamaýarlar! Ine, şonuň üçin hem türkmen ýow güni maldan-başdan geçýär! Ol iki başyny deňleýär! Namartlyk etmegi, gorkaklyk etmegi türkmen ölüp giden ata-babalaryna ysnat getirmek diýip düşünýär! Şol sebäplem türkmen ýigitleri söweşe çykanynda ölenini-galanyny bilmän söweşipdirler, şonuň üçinem olara gözsüzbatyr diýipdirler.

Türkmen topragynda dönüge lagnat daşy atylýar.

◈ ◈ ◈

Gadyrdanlarym, men sizden towakga edýärin:

— Päliňiz pes bolsun, ýöne buýsançly başyňyz garly daglar ýaly belent bolsun!

Ata-babalarymyz ýaly paýhasly, enelerimiz ýaly rehimdar boluň!

Dünýäde Adamdan beýik keramat ýokdur, Adamyň mertebesi Allatagalanyň münberidir.

Ýagşy niýetliniň ýoluny hut Hudaýyň özi açar, ýaman niýetliniň duşmançylykdan başga baran ýeri bolmaz!

Siziň synalaryňyz toprakdan bolany bilen, ruhuňyz Allatagaladandyr. Göwräňiz zeminde gezse-de, köňlüňiziň mesgeni asman bolsun!

Dünýäde üç hili adam bolýandyr:

1. Hakaýyl — beýle kişileriň asman paýhasy Hakdan berlendir. Magtymguly: «Kyrka ýetmän aýyl bolsa adamzat» diýýändir. Aýyl bolmak — dünýä akyl ýetirmek. Hakaýyl kişiler dünýä ir akyl ýetirer, olaryň ylahy nazary geçmişem görer, geljegem.

2. Hanaýyl — beýle kişileriň zemin akyly bardyr, olar adaty adamdan ençeme mertebe belent bolup, olardan hanlar, şalar, soltanlar çykar. Olarda han akyly bardyr.

3. Hamaýyl — olar adaty adamlar bolup, esasan, bu pany dünýäni görüp, şol dünýäniň, bala-çagalarynyň aladasy bilen ýaşaýandyrlar. Olaryň beýnisi hamdyr, çygdyr, olara dürs ýoly görkezmek zerur.

Hakaýyl kişini Allatagala saýlar, siz hanaýyl boljak boluň, öz ornuňyzdan göteriljek boluň, çünki adamdan beýik mertebe ýokdur!

«Pylany perişde ýaly» diýip birewi öwerler, emma unutmaň, Allatagala ähli perişdeleri Adamyň hyzmatynda goýandyr. Perişdeler hyzmatyňyzda durmaly halyna melgunlaryň alyna gitmäň. Siz beýik bolsaňyz, türkmen halky beýik bolar, siz mertebeli bolsaňyz, Türkmenistanyň mertebesi artar.

Pul, altyn-kümüş, wezipe dünýäniň hakyky baýlygy bolýan bolsa, baý edebi mirasymyzda baý adamlaryň keşbi döredilerdi. Emma dana ata-babalarymyz olara mydama Göroglynyň agasy Genjim bege garan ýaly kinaýa, teýene bilen garapdyr.

Ýagşy sözler, röwşen jümleler, şuglaly sözlemler ýürekden çykar hem göni ýürege barar. Öz bähbidini unudyp, il-ulus üçin ýaşap ýören derwüşler edil mährem, nurly sözleriň kalba girişi ýaly ynsanlaryň kalbyna girip gider.

Göwün göwünden suw içer, Adam adama myhmandyr. Görogly beg baýlyk toplap, tüçjar baý bolup, halkynyň kalbyna girip giden däldir.

Görogly beg beýik adamkärçiligi, merdanalygy bilen Gyratyny ýüzin salyp göni halkyň kalbyna girip gidendir. Görogly beg Gyratyny sürüp, göni taryha girip gidendir...

Pespällik, göwni kiçilik, sabyr-kanagatlylyk, rehimdarlyk... türkmeniň asyl häsiýetleridir. Men size ýöne ýere «Geliň, türkmen bolalyň!» diýmeýärin...

Silkiniň, galkynyň, ýetmiş ýylda bedenimize, ruhumyza ýokan hapalary ýok edip, bäş müň ýyllyk taryhymyzda kemala gelen kämil türkmen bolalyň! Türkmen başga bir milletiň wekilini öwjek bolanynda «Edil türkmen ýaly-da» diýip öwýändir. Biziň ruhumyzda, ganymyzda, sünňümizde bäş müň ýyllap kämilleşen gorumyz bardyr.

Türkmenistan ata-baba ýoly bilen barýar, nesip bolsa, siziň her biriňiz düýpli, döwletli baý bolarsyňyz, ýöne siz şol baýlyga mynasyp boljak boluň. Hakyky baýyň, öňi bilen, ruhy baý bolýandyr. Maddy baýlyk bilen ruhy baýlyk sazlaşanda altyn ýaşaýyş dörär.

Men-menligiň adamyň başyna nähili bela getirýändigini Gorkut ata «Däli Domrul» boýunda öz ýetmiş ýedi puşduna akyl edip, tymsala salyp galdyrypdyr.

Abadan, parahat, dok oguzda meslikden gözi gyzaryp giden Domrul «Heý, bir güýç synanyşyp, göwräniň gurşugyny ýazar ýaly däli tapylmazmyka?» diýip, buz üstünden tozan

arap, gury çaýyň üstünden köpri salýar. Köprüden geçenden otuz pul, gury güzerden geçjek bolandan ura-ura kyrk pul alýar. Domrulyň köprüsiniň çawy dünýä ýaýraýar.

Günlerde bir gün onuň köprüsiniň golaýynda gonan obadan yzanda-çuwanlyk çykýar. Domrul baryp habar alýar.

— Han ogul, bir ýagşy ýigidimiz bardy, öldi, şoňa aglarmyz.

Domrul özüne garşydaş tapyljagyna hoş bolup soraýar:

— Ýigidiňizi kim öldürdi?

— Al ganatly Ezraýyl...

Sermest Domrul Ezraýylyň gözlegine çykýar. Ýöne... Ýöne Ezraýyl asman güýji, asman gudraty, ol ýeriň güýjünden eýmenermi? Ikisiniň darkaşynda Domrul beg aman diläp, zordan başyny gutarýar.

Men-menligiň dogasy toba gelmek, aman dilemek, ýagny päliňden gaýtmak!

Beýik «Görogly» eposymyzda hem men-menligiň nämä eltýändigini ata-babalarymyzdan galan bu miras köre hasa edip görkezýär.

Görogly beg pasly-baharda kyrk ýigidi bilen seýli-seýrana çykyp, kyrk ýigidinem Köse başlyklaýyn «Bize kyrk dürli aw getir» diýip, şikara ugradyp, şerap içip başlaýar. Bir pyýala, iki pyýala, üç pyýala. Ogly Öwez oňa artyk içirmejek bolýar. Görogly:

— Haý, Öwez jan, sen näme diýsem rastdyr diýiber, gaňryşyma gaýtsaň, kelläňi hyzlandyryp ibärin!

— Rastdyr, aga.

— Nowşirwan adylam men ýaly adyllyk bilen ýurt soran däldir.

— Rastdyr, aga!

— Hatam Taýam men ýaly ýurduna adyllyk bilen aş paýlan däldir.

— Rastdyr, aga!

— Hezreti Aly hem men ýaly agyp-dönüp söweş edip iş bitiren däldir!

— Haý, aga gatyrak gitdiň. Gorhana gol urduň!

Görogly beg meýiň mesligi bilen gaty gidenini bilip, kyrk ýigidiň ýapynjasy bilen üstüni ýapdyryp, uklap açyljak bolup, Arap Reýhanyň goluna düşýär. Arap Reýhan men-menlik zerarly gola düşen Göroglyny ýurduna alyp barýarka öwünýär. Şonda Görogly öz duşmanyna-da pent edýär:

Her menzilde guzy gapdym,
Baryp Yssambyly çapdym.
Men «men-menlik» edip tapdym,
Arap sen men-menlik etme!

Men-menlikden başyna bela gelen Görogly hut öz duşmanyna hem men-menlik etmezligi nesihat edýär. Şol men-menligem Arap Reýhanyň heläk bolmagyna, Göroglynyň aman dilemegi bolsa, onuň azat bolmagyna eltýär.

Pespällikden har bolan ýekeje adamy görkezip bilseňiz, men size men-menlik zerarly heläk bolan million adamy mysal getirip bereýin!

Onlarça döwletden paç alyp, şalar şasy bolup ýaşan beýik türkmen soltany Alp Arslan goluna düşen ganym duşmany ölüm jezasyna höküm edýär.

(Бунинин) 1914-18 йылларда
болан дөвлет уруша гат-
нашмак, вергі болан
түркменлерің санын 80 мың-
дөн генди, 1917-1930 йыллар-
да бай-кулак диýип
сүргүн эдилмелер санын
900 мың адамды, мол йылар
яшап келерде месген ýурт
юртдан көчмелерің санын
4 миллиондан генди. 1930-
1937 йылларда миллеги,
халк дүшманы, басмачы
атландырып атылмаларың,
сүргүн эдилмелерің санының
анықламак кыне, хер өйдеде
обалардан шәхерлерден сесиз-
-авазсыз адамлар йитирдилер,
олары ким сорамага-эдемзе
горхадылар... Шейле рухы
песикде түрлен халкы
мыдама...
Ку бир адамлар,
шу гүнлер хем, ай СССР

Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynyň golýazmasyndan nusga

— Her goluna, aýagyna at baglap dört para eýläň!

Duşman ýöne duşman däl, duşmanlaryň hany, ol:

— Sen namart, maňa mert ölümi hem rowa görmeýärsiň! — diýip gygyrýar.

Alp Arslan serkerdelerine ümläp, oňa ýarag berdirýär. Soltan gazaplanyp gylyjyny syryp, duşman bilen gylyçlaşmaga ylgaýar, ýöne gazap gany beýnisine uran soltan çadyryň ýüpüne büdüräp ýykylýar, şondan peýdalanyp, duşman oňa gylyç urup ýetişýär...

Hekimler ony bejerip başlaýarlar, her kim namart duşmana gargaýar, şonda Alp Arslan:

— Bu emgegi duşmandan görüp oturmaň, bu emgek ýokardan geldi... Düýn hol depä çykanymda göwnüme men-menlik aralaşdy. Giň dünýä sygman ýaýrap ýatan ýygynymy, akly-gyzylly çadyrlarymy, ýigitlerimi synlap: «Heý, Alla, ýedi yklymda meniň alnymdan çykybiljek patyşa barmydyr?» diýip, içimden öwündim. Bu bela şondan gelen bela! — diýipdir.

Türkmeniň zandynda pespällik bar, emma durmuş bi... Adam çig süýt emen, birde bolmasa, birde men-menligem edäýýär!

Men-menlik näme diýip adamyň başyna bela getirýär?

Dünýäde özüniň daşky dünýäsi bilen içki dünýäsini sazlaşdyryp bilýän adamlaryň işi ýol alýar. Adam zeminde ýaşasa-da, ony ugrukdyryp duran asman! Asmandaky Alla zemindäki Adamy ýalňyz dünýä indermändir! Her bir adamyň ýanynda ýoldaşy bar, ýagny türkmenler aýtmyşlaýyn — halaty!

Böwrüne diň salyp, ýoldaşy bilen maslahatly adamyň işi ýol alýar! «Men adam, ähli zady men başarmaly, maňa kömek etjek adam ýok» diýip ýören adamyň işi, köplenç, ýol almaýar.

«Meni Hudaý dünýä getiripdir, Hudaýyň özem ýetirer» diýýän adamlar hem ýalňyşýar!

Sokrat, Şekspir, Wolter ýaly adamlaryň halatly-ýoldaşly bolandygyny dünýä ykrar edýär.

Oguz han Türkmen, Gorkut ata, Mäne baba, Magtymguly ýaly adamlaryň ýoldaşly bolandygyny halkymyz ykrar edýär.

Görogly, Alp Arslan ýaly adamlar ýöne adamlar däl, olar keramatly adamlar. Men-menligi kim edýär? Işi ýola düşüp, edeni bolup barýan adam edýär. Şeýle halatlarda men-menlik edýän adamlar öz Asman ýoldaşyny öýkeledýär. Asmandan onuň hyzmaty üçin berlen ýoldaşy men-menlik edene: «Sen gaty gidýärsiň, men kömek etmäýin, nädýärkäň?» diýip, çete çekilýär. Şonda-da Adam ýaramaz bela uçraýar. Şeýlelikde, zemin bilen asmandan ybarat, ten bilen ruhdan ybarat bolan adamyň arasyndaky bütewilik ýitip, adam ýalňyz galýar.

Allatagala sizi men-menlikden daş etsin, Allaňyzdan aýra düşmäweriň!

Heý, gardaşym, men baý diýip dänjiremegin, baýlygyň guk gapdalynda gallaçlyk ýatandyr!

Heý, gardaşym, men garyp diýip gamlanmagyn, garyplygyň aňyrsynda Möwlam bardyr!

Mälik şa: «Heý, Allajan, açlyk belasyna özüm hötde gelerin, meni dokluk belasyndan gora!» diýer eken.

Baýlygy göterinmek kyn. Baýlygy göterinmäge synmaz erk gerek. Eziz doganlarym, baý, dok ýaşamaly zamanaňyz geldi. Baýlygy, doklugy göterinip bilmegiňizi, azmazlygyňyzy beýik Biribardan dileg edýärin!

Taňry baýlyk berip, garyp edip synaga salýar, baýlygy göterinip bilmedik ýol urduryp, azgyn bolar, garyplygy ýeňen adam bolsa myradyna ýeter, adam bolar.

Mirap ekini suwsuzam guradyp bilýär, suw bilenem! Alla-da mirapdyr!

◊ ◊ ◊

Mähriban milletim!

Soňky üç-dört asyryň dowamynda gaýnap duran gazany agdarylyp, toýy dargap, az sanly ilaty bilen galan türkmen dagynyk halda, oba-oba ýaşamaly bolýar, azym-azym şäherler gurup, ozalky kaddyna ýetmek oňa başartmaýar. Zandynda tebigylyk, tebigy arassalyk bar halkymyzyň tebigat bilen bir jan, bir ten bolup ýaşamagy, gadymy halka mahsus parasadyna parasat, päkligine päklik goşýar.

Halkymyz göwni ýeten kişisine är diýýändir. Är ady her bir garadan gaýtmaza, gözsüzbatyra dakylmaýar. Är diýen ady göteryän adamda batyrlyk, edermenlik, halallyk, ynsanperwerlik, sahylyk ýaly onlarça ýagşy häsiýetler bolmaly. Är sözüniň asly ary sözünden gelip çykýar. Garajaoglan aýdýar ahyryn: «Ary türkmendir aslymyz» diýip. Türkmeniň är sözi dünýä ýurtlaryna ser, her, gerr görnüşde ýaýrandyr.

Geçmişde türkmeniň bir kowçumy oba tutunjak bolsa, göçüp barlaýjak ýerleriň birnäçesinde bir küýze suw bilen uzyn syrygy ýere dikip, oňa el ýaly eti daňyp goýupdyr. Göçmeli wagt gelensoň, oba kethudasynyň hut özi birki sany goja bilen aýlanyp görýär. Nirede et porsap, suw sadyr atan bolsa, şol ýerde mesgen tutmaýarlar. Diýmek, olar adam bedenine oňyn täsir edýän topragy ylmy esasda bilmeselerde, tejribe üsti bilen takyklapdyrlar. «Ýurt düşmedi, ýer kabul etmedi» diýen düşünjeler hem türkmeniň ýeriň peýdaly hem zyýanly zolaklaryny bilendigine kepil geçýär.

Geçmişde ata-babalarymyz ýap gazjak bolanlarynda bir baýtalyň boýnuna halta doly çägäni basyp, ony suw akdyrylmaly ugra tarap kowupdyrlar. Boýny agyr ýükli baýtal ýeriň iň peselip gidýän ugruny saýlapdyr. Ata-babalarymyz baýtalyň ýörän ugry boýunça, her ýerräkde-her ýerräkde gazyk kakyp, soňra ýap, kanal gazypdyrlar. Bu usulyň ähmiýeti kanal gazylanda ulanylýan häzirki enjamlardan kem bolmandyr.

Türkmen gonamçylygy dolup, täze gonam tutunjak bolanynda çem geleni gonambaşy edäýmeýär. Gonambaşy bolup, ýagşyzada ýaly adam ýatmaly, onuň uly molla, ahun, işan bolmagy hökman däl, ýöne ajaýyp adam bolmagy weli hökman bolupdyr.

Ir zaman uly oba kerwen ugradýar. Alty aýlyk argyşa giden kerwen, dolanmaly wagty dolýar, dolanmaýar. Garaşyp görýärler, kerwenden habar ýok. Kerweniň süňk hossarlary atlanyp, türkmen atynyň aýagy ýeter ýaly ýeri ilik-düwme barlaýarlar, obalara habar gönderýärler. Emma kerwen ýere giren ýaly!

Diri ýiteniň patasyny alyp bolanok, garasaý, obadaşlary gulak hüşerdip geziberýär. Aradan ýedi-sekiz ýyl ötüp, «Pylan çopan pylan çölde adam süňküne duşupdyr» diýip, oba habar ýaýraýar. Atlylar ýene ýola düşýär. Hakykatdanam, alaman kerweni şol ýerde urup, malyny talap, goragyny-beýlekisini çägä süsdürip, ysy çykmaz ýaly eden eken. Niräni gazsaň süňk bolup duranmyş! Ol zamanlar doganlyk mazary diýen düşünje ýok, nätmeli?

Türkmeniň gadym paýhasy kömege gelýär: skeletleri — ystyhanlary setir ýatyryp, kerwende süňk garyndaşy gyrlan ýigitler ýeke-ýekeden goşaryny hanjary bilen dilip, ganyny ystyhanyň çakyr atyp ugran süňklerine damdyrýarlar. Daman

gan süňk garyndaşynyňky bolmasa, süňküň ýüzünden akyp ötägidýär, kimiň garyndaşy bolsa, gan süňke edil çägä siňen ýaly siňýärmiş...

Şeýdip her kim öz doganyny, doganoglanyny tapyp, obasyna getirip jaýlapdyr.

— Ynha, balam, süňk hossary diýlen gep nireden çykýar! — diýip, babam bu hekaýaty gama batyp gürrüň beripdi.

◈ ◈ ◈

Allatagala mawy boşluk içre aýlanyp duran Zeminine hak aşyk bolup Adam ogluny ýaradypdyr. Adam ogly ýaradylmyş topragyna-da, dünýäsine-de, Allasyna-da hak aşykdyr.

Möwç urup ýatan däli deňizleriň göwni bulut bolup göterilip, çabga bolup Zemine gaýdyp geler. Başy dumanly gara daglaryň söýgüsi çeşme bolup, çaý bolup Zemine owsun atyp Zemine geler. Dünýäniň bir künjünde çar pasly bahar parç bolsa, onuň başga bir ýerinde nazy-nygmatly tomusdyr, onuň bir ýerinde bereketli güýz rysgal saçagyny açandyr, onuň ýene bir ýerinde gunduz ýaly ak garly gyş, täze baharyň aladasy bilendir.

Şu giň ülkede ýaşap, şu giň ülkeden hem giň bolmasak, aýypdyr, onda bize bu türkmen ýurdunyň giňligi haýypdyr.

Eý, gardaşym, türkmen hudaýly mawy asmanynyň astynda, pirli topragynyň üstünde elli asyrlap ata-babalarynyň ýaradan keramatlarynyň arasynda millet bolup kemala gelip, watany bilen bagryny badaşdyrandyr. Biz şu eziz Watandan gögerip çykyp, şu asman bilen bitewileşendiris. Öz beýik milletiňe mynasyp bolmak her bir türkmeniň jana-jan borjudyr!

◈ ◈ ◈

Altyn asyrda biziň millet hökmündäki ösüşimiz altyn şahsyýetiň sypatlaryny kemala getirýär. Millet ýokary galdygyça, şahsyýet hem barha kämilleşer. Onuň baş sypaty hem kämillikdir. Türkmen şahsyýetiniň beden we ruhy kämilligi biziň ösüşimiziň ölçeg daşy bolar. Biz jemgyýetde kämil şahsyýetiň kemala gelmegi üçin döwletiň elinden gelýän ähli şertleri döretdik.

Şahsyýet milletden gözbaş alýar. Bu ikisiniň asly we durky birdir. Şonuň üçin hem her bir şahsyýet özüniň ruhy-ahlak sypatynyň milletiň ruhy-ahlak sypatynyň çäginde bolmagy barada aladalanmalydyr. Şahsyýet üçin milletden gaýry uly gymmatlyk, milletden eziz zat ýokdur. Türkmen şahsyýetiniň ýüregi öz milleti bilen bir bolmalydyr, onuň ýüregi milletinden aýry bolmaly däldir. Türkmene Altyn asyrda Watan diýip urýan ýürekler, Watan üçin diýip işleýän akyllar gerek. Watan hem millet her bir şahsyýetiň dilinde dogasy, işlerinde itergisi bolmalydyr.

Galplyk — ikiýüzlülik, öz asyl keşbini gizlemekden ötri başga biri bolup görünmekdir. Adamyň ahlak çüýrükligi şundan başlanýar, haramylyk şundan başlanýar. Näme üçin adam özüniň asyl ýüzüni gizlemäge mejbur bolýar? Sebäbi onuň içki mazmuny — ýüregi we edýän işleri köpçülik tarapyndan makullanylan ýörelgelere ters gelýär. Milletiň we jemgyýetiň ahlak kanunlaryna ters ýaşaýan adam özüniň paş bolaryndan gorkup, özüni gizlemäge, özüniň hakyky ýüzünden başga bir ýüz edinmäge çalyşýar. Şeýdip hem türkmeniň iň ýek ýigrenýän häsiýeti — ikiýüzlülik döreýär. Adamyň ýüreginde bir zat, dilinde ikinji zat, hereketinde bolsa üçünji bir zat bolýar. Beýle adam ahlaky taýdan betbagt kişidir. Ol

adam iň beýik gymmatlykdan — içki ahlak azatlygyndan mahrumdyr.

Allatagala adamy şeýle ýaradypdyr: hakyky azatlyk hem, hakyky gulçulyk hem adamyň içindedir. Arassa, halal adam öz-özüniň halallygyndan ruh hem gujur alýar. Onuň dogry hereketleri oňa öz-özi bilen sazlaşykly ýaşamaga mümkinçilik berýär. Näçe kynçylykly ýagdaýa düşse-de, öz öňündäki, Allanyň hem milletiň öňündäki päkligi, arassalygy oňa beýik güýç-kuwwat, gaýratlylyk berýär. Hatda ýaramaz, pis eýýamda ýaşap, daş-töweregi hapalykdan doly bolaýanda-da, şeýle kişiniň ýüregi, köňli Alla tarapyn ýaramazlara girmek gadagan edilen bir päkize öýi ýada salýar.

Ýaramaz kişi bir ýaman iş eder, ilden gizlejek, üstüni örtjek bolar, birhililik bilen şeýden ýaly hem bolar. Emma özüne bildirmezden, içinde bir müýn galar. Soň endige öwrülen häsiýetine laýyk ýene bir ýaramazlyk eder, gizlän ýaly bolar, emma bu gezek öz öňündäki müýni has güýçli bildirer. Endigine laýyk ýaramazlygy näçe köp etse, müýni, yzasy şonça-da aýdyň ýüze çykar. Soňabaka ol müýni haramy üçin ýok edip bolmaýan duzaga öwrüler.

Halalyň hemaýatkäri içinde, haramynyň ýagysy ýanyndadyr.

Pikirler we bähbitler köp hem-de dürli bolup biler, emma olary ýerbe-ýerinde goýuşdyrsaň, bir hakykat ýüze çykar. Ýerbe-ýer goýuşdyrmak — milleti öňe alyp gitmegiň işinde her şahsyň, her toparyň öz ornuny aýdyňlaşdyrmakdyr.

Munuň üçin her bir türkmene milletiniň nämedigini we milletiniň kimdigini tanatmalydyr. Türkmen milletiniň geçen şöhratly ýoly, ol ýoluň her bir sahypasy belli bir nukdaýnazardan adamlaryň aňyna ýetirilmelidir. Sowet

agalygynyň döwründe ruhy dünýäsi boş galan türkmen — ata-babalaryndan arasy üzülip, öz aslyny unudan türkmen indi öz şahsyýetiniň mazmunyny milli gymmatlyklar bilen doldurmalydyr. Şahsyýetiň köňlünde esasy duýgy milli buýsanç duýgusy, şahsyýetiň aňynda baş pikir dünýäni türkmençe görüş pikiri, şahsyýetiň ahlagynda baş gymmatlyk türkmen ahlaklylygy, şahsyýetiň gylyk-häsiýetinde milli häsiýetler, şahsyýetiň ruhy ynançlarynda baş ynanç türkmen halk ynançlary bolmalydyr. Bir söz bilen aýdanyňda, şahsyýetiň kysymyny milli ölçegler kesgitlemelidir. Häzirki taryhy pursatda başgaça bolup bilmez. Çünki indiden beýläk biz diňe millet bolup ömrümizi dowam etdirip bileris.

Biz, elbetde, umumyadamzat hem dini gymmatlyklary äsgermezlik etmeýäris, olary öz ýaşaýşymyzda aradan aýryp taşlamaýarys. Umumyadamzat hem dini gymmatlyklar biziň milliligimizi nähili derejede berkidýän bolsa, olar şonça-da biziň üçin gymmatlydyr. Aslynda türkmen milli gymmatlyklary özüniň ruhy-ahlak manysy boýunça gaýry gymmatlyklara garşy bir zat däldir. Esasy zat XXI asyrda biziň ruhy dünýägaraýşymyzyň görnüşini, sypatyny kesgitleýji milli gymmatlyklardyr.

Biziň bitewi gymmatlyklarymyz arkaly we arkalaşykly millet bolmagymyza ýardam etmelidir. Doganlar bir-birini dogan ýaly hem eý görmelidirler. Dogan bilen doganyň arasyna sowuklyk salyp biljek her bir zat aýgytly suratda aradan aýrylmalydyr. Türkmen türkmene dostdur, dogandyr. Bu düşünje türkmeniň iň mukaddes duýgularynyň biri bolmalydyr. Türkmen altyn şahsyýetiniň aňynda umumymilli duýgular we umumymilli gymmatlyklar esasy, birinji orunda bolmalydyr, taýpa-ýire degişliligi bolsa Altyn asyrda aramyzdan ýok

edilmelidir. Munuň üçin taýpa-tire tapawutlaryny döreden taryhy wagtyň çäginden çykmagy başarmak gerek. Taryhy wagt boýunça yza gitsek, häzirki tireleriň, taýpalaryň bolmadyk eýýamlaryna-da aralaşyp bileris. Emma türkmen milleti weli, şol wagtlar hem bardy. Türkmen milleti Oguz handan gaýdýandygy, baryp orta asyrlarda-da ykrar edilişi ýaly, bäş müň ýyl mundan ozal başlanypdy.

Millet — bakydyr, tire-taýpa — wagtlaýyndyr. Millet — bakylykdyr, tire-taýpa — wagtlaýynlyk, ötegçilikdir. Türkmen şahsyýeti şu pelsepeden ugur almalydyr. Diriligiň çynlygy diriligiňi aňlap bilşiňe-de baglydyr. Biz öz türkmenligimizi näçe çuňňur, näçe düýpli aňlasak, şonça-da türkmenligimiz berkär. Aňlaýyş işi bolsa şahsyýetler bolup amala aşyrylýar. XXI asyrda türkmen milleti özüniň öňe çykaran şahsyýet kysymy bilen güýçli bolar.

Güýçli bolmak üçin, esasan, iki zat gerek: asyl hem-de maksada okgunlylyk.

Türkmeniň nähili aslynyň bardygyny bütin dünýä bilýär. Indi özümiz hem aslymyzy düýpli derejede bilmelidiris. Altyn asyryň altyn şahsyýeti maksatly we maksada okgunly şahsyýet bolmalydyr. Biz millet derejesinde beýik taryhy maksatlary öňümizde goýduk hem-de kanagat we aýgytlylyk bile şol maksatlarymyza tarap barýarys. Her bir türkmen şahsyýetiniň şol taryhy maksatlary amal etmekde paýyna düşýän zatlar bar. Hut şol paýy hem şahsyýet öz hususy maksady hökmünde aňlamalydyr. Maksada akyl ýetirmek we maksadyň aýdyň aňlanylmagy türkmen şahsyýetinde maksada okgunlylyk diýen ahlaky sypaty kemala getirer. Biz dünýä ýaşaýşyny pany diýip hasaplamaýarys, eýsem ony Alla tarapyn berlen mümkinçilik we puryja hasaplaýarys. Nämä mümkinçilik, nämäniň



Mähriban Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasynyň golýazmasyndan nusga